





Türkmenistanyň tebigaty goramak ministrligi

# TÜRKMENISTAN

## BMG-nyň biologik dürlülik hakyndaky konwensiýasynyň çözgütlerini milli derejede amala aşyrmak boýunça

**Bäşinji Hasabat**





Aşgabat – 2014



Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow

# Mazmuny

Giriş ---------------------------------------------------------------------------------------------------- 6

**1-nji BAP. Türkmenistanyň biologik dürlüliginiň ýagdaýyna, üýtgemek meýline, howp salýan sebäplere we adamlaryň hal-ýagdaýyna ýetirip biljek täsirine umumy syn**

1.1. Biodürlüligiň ýurt üçin möhümligi ---------------------------------------------------- 9

1.2. Milli biodürlüligiň derejesi (statusy) we üýtgemek meýli babatda bolup geçen esasy üýtgeşmeler ------------------------------------------------------------ 11

1.3. Biodürlülige abanýan esasy howplar ------------------------------------------------ 23

1.4. Biodürlülik babatda üýtgeşmeleriň ekoulgamlaryň hyzmatlaryna Täsiri we olaryň durmuş-ykdysady we medeni netijeleri ---------------------------- 28

**2-nji BAP. Biodürlüligi gorap saklamak boýunça milli strategiýa we hereketleriň meýilnamasy, olaryň durmuşa geçirilişi we biodürlülik tematikasynyň göz öňünde tutulyşynyň üpjün edilişi**

2.1. Biodürlülik babatda milli maksatlaýyn wezipeler--------------------------------- 31

2.2. "aýti" maksatlaýyn wezipelerini girizmek üçin biodürlüligi gorap saklamak boýunça strategiýanyň we hereketleriň meýilnamasynyň täzelenmegi ---------- 33

2.3. Konwensiýany durmuşa geçirmek boýunça milli çäreleriň amala aşrylyşy ------------------------------------------------------------------------------------------------------- 36

2.4. Biodürlülik tematikasynyň pudaklara we pudagara derejede girizilmegi we hasaba alynmagy hem-de olaryň amala aşyrylyşynyň netijeliligi -------------- 42

2.5. Biodürlüligi gorap saklamak boýunça milli strategiýanyň we hereketleriň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişine baha bernek --------------------------------------- 44

2.6. Gazanylan üstünliklere we päsgelçiliklere syn ------------------------------------- 49

**3-nji BAP. Aýtide kabul edilen biodürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanmak boýunça 2020-nji ýyla çenli maksatlaýyn wezipeleri amala aşyrmaklygyň netijeleri we 2015-nji ýyla çenli bellenen müňýyllygyň ösüş maksatlarynyň degişli masksatlaýyn wezipelerine ýetmeklige goşant**

3.1. Aýtide kabul edilen 2011-2020-nji ýyllarda biodürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanmak babatda Strategik meýilnamany ýerine ýetirmekde we biodürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanmak boýunça maksatlaýyn wezipelere ýetmekde gazanylan üstünlikler --------------------------------------------- 52

3.2. Müňýyllygyň ösüş maksatlarynyň 2015-nji ýyla çenli bellenen degişli maksatlaýyn wezipelerine ýetmekde Konwensiýany amala aşyrmaklygyň ähmiýeti ---------------------------------------------------------------------------------------------------- 53

3.3. Konwensiýany amala aşyrmak bilen bagly iş ýüzündäki netijeler ---------- 55

**1-nji GOŞULMA**. Hasabaty berýän Tatap we bäşinji milli hasabat barada maglumat ---------------------------------------------------------------------------------------- 61

**2-nji GOŞULMA.** Maglumat çeşmeleri ----------------------------------------------------- 62

Suratlar: Güýçgeldiýew O.T.

Habarnama Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi BMG-nyň Ösüş maksatnamasy we Bütindünýä ekologik gaznasy bilen bilelikde ýerine ýetirilýän "Biodürlülik boýunça konwensiýanyň ýerine ýetirilmegine ýardam bermekde milli biodürlüligi meýilnamalaşdyrmak. Türkmenistanyň 2011-2020-nji ýyllar üçin strategiki meýilnamasy" taslamasynyň goldaw bermeginde taýýarlanyldy.

# GIRIŞ

Türkmenistan garaşsyzlygyny alandan soň ösüşiň geçiş döwrüniň şertlerinde 20 ýyldan gowrak wagtda ýurduň öňünde duran örän çylşyrymly meseleleri çözmekligi, şol sanda halkyň ruhy taýdan galkynmagyny, milli däp-dessurlaryň dikelmegini, ykdysadyýetiň ýokary göterilmegini gazanmagy başardy. Türkmen jemgyýetiniň durnukly ösüşini üpjün emek üçin döwlet derejesindäki maksatnamalar kabul edildi, çylşyrymly syýasy, ykdysady, ekologiýa we durmuş meseleleri çözüldi.  Şol bir wagtda daşky gurşawy, biologik dürlüligi gorap saklamak meseleleri Türkmen döwletiniň hemişe üns merkezinde saklanýar, çünki ilatyň baş saglygy, ýurduň gülläp ösmegi olaryň ýagdaýy bilen gönüden göni bagly bolup durýar. Biologik dürlüligiň, ekologik ulgamlaryň goralmagy, olaryň durnukly peýdalanylmagy Türkemenistanda milli derejede ösüşiň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda  seredilýär.

Türkmenistan Merkezi Aziýanyň günbatar böleginde ýerleşýär we 49,1 mln gektar meýdany tutýar. Demirgazykda Gazagystan Respublikasy bilen, gündogarda we demirgazyk-gündogarda Özbegistan Respublikasy bilen, günortada Eýran Yslam Respublikasy bilen we günorta-gündogarda hem Owganystan bilen serhetleşýär. Ýurduň meýdanynyň köp bölegini (80%) çöllükler tutýar. Eýran bilen araçäkleşýän serhet ýakasynda Köpetdag-Horasan dag ulgamyna girýän dag gerişleri (Köpetdag), Özbegistan bilen araçäkde – Pamir-Alaý dag ulgamyna girýän Köýtendag, Owganystan bilen araçäkde hem Parapamiz dag eteginiň demirgazyk çägi bolan Bathyz baýyrlygy ýerleşýär. Türkmenistanyň günbatarynda Hazar deňzi ýerleşýär. Ýurduň beýiklikleriniň derejesi uly aralyklarda üýtgeýär, iň pes nokady deňiz derejesinden 81 metr aşakda ýerleşýär (Akjagaýa çöketligi), iň beýik nokady bolsa 3139 metre barabardyr (Köýtendagda Aýrybaba gerşi).

Türkmenistanyň tebigy şertleri örän dürli-dürli bolmak bilen, ÝUNESKO-nyň tebigy we medeni mirasynyň sanawyna girizilmäge mynasyp, gaýtalanmajak tebigy toplumlary bilen tapawutlanýar. Şeýle hem köp sanly ösümlik we haýwan görnüşleriniň endemik wekilleriniň merkezi hasaplanýar. Bu aýratynlyklaryň hemmesi ýurduň biologik dürlüligini gorap saklamakda aýratyn ünsi talap edýär.

Türkmenistanyň çäklerinde köp sanly ekoulgamlar, şol sanda düzlük-çöllük, dag, deňiz, derýa, köl, tokaý ekoulgamlary bar. Adam täsiriniň pesdigi sebäpli ýurduň çägindäki köp ekoulgamlar (aýratyn-da çägeli-çöllük we dag) üýtgewsiz ýagdaýda diýen ýaly saklanyp galan we olara nusgalyk tebigy toplumlar hökmünde garamak

bolar, bu bolsa ol ekoulgamlary saklap galmagyň möhümliligini has-da beýgeldýär. Türkmenistan özüniň geografik taýdan ýerleşişine baglylykda bütindünýä biologik dürlüligi gorap saklamakda we biosferanyň ýerine ýetirýän wezipelerine goldaw etmekde aýratyn ähmiýete eýedir. Çürt-kesik kontinental (uly aralyklarda üýtgäp durýan), örän gurak howa şertleri (uzak wagta çekýän, yssy tomus, howanyň temperaturasynyň möwsümleýin we gije-gündiziň dowamynda uly aralyklarda üýtgemegi, ygalyň az düşmegi) we Ýewraziýa yklymynyň merkezinde geografik ýerleşmegi onuň özboluşly ösümlik we haýwanat dünýäsiniň emele gelmegine özleriniň düýpli täsirini ýetiripdirler. Türkmenistanda ilaty öz oba hojalyk önümleri bilen üpjün etmekde, sagaldyş-dynç alyş işewirligini, derman, azyk senagatlaryny ösdürmekde tebigatyň entek ulanylmadyk mümkinçilikleri köp.

Türkmenistanyň meýdanlary 200-e golaý dünýä ähmiýetli ekologik sebitleriň biriniň düzümine girmek bilen, onuň çäklerinde biologik we genetiki dürlüligiň gelip çykan we saklanyp galan iki sany örän möhüm nokatlary – Köpetdag-Horasan (Köpetdag) we Merkezi Aziýa (Köýtendag) daglary ýerleşýär. Şeýle hem bu ýerde görnüş we genetiki köpdürlüligiň ýokary derejede ösmegine ýardam eden Köpetdag-Horasan, Turan we daglyk Merkezi Aziýa floristik welaýatlary sepleşýär.

Türkmenistanyň biologik dürlüligini öwrenmek meselesi ahyrky netijede daşky gurşawyň esasy ölçeglerini kesgitleýän görnüşleri, olaryň ýaşaýan ýerlerini we köpdürli landşaftlary gorap saklamak wezipesi bilen berk baglanyşyklydyr. Bu düşünje, XXI asyryň dünýä derejesindäki Gün tertibine laýyk gelýän, ýurduň durmuş-ykdysady ösüşi boýunça meýilnamalara we maksatnamalara girizmeklik bilen, Türkmenistanyň milli syýasatynda öz mynasyp ornuny tapdy. Biologik dürlüligi gorap saklamak dünýä möçberindäki mesele bolmak bilen, Türkmenistan üçin hem örän möhüm ähmiýete eýedir, çünki ol howanyň ählumumy üýtgemeginiň öňüni almak bilen bir hatarda, durnukly ösüşe tarap ýolda adamzadyň öňünde duran iň möhüm wezipeleriň biridir.

1996-njy ýylda Türkmenistan Biologik dürlülik hakyndaky konwensiýa goşulmak bilen biologik dürlüligiň her bir ülüşini gorap saklamagyň dünýä ähmiýetli meseleleriniň oňyn çözülmegine özüniň işjeň garaýşyny hem-de ekologiýa taýdan durnukly we howpsuz ösüşe ygrarlydygyny iş ýüzünde subut etdi. Hususan-da Biologik dürlülik hakyndaky konwensiýanyň kararlaryny, çözgütlerini goldamak hakyndaky Jarnamany ykrar etmek bilen, Türkmenistan bu Konwensiýa biologik dürlüligi gorap saklamagyň bitewi hukuk binýadyny üpjün edýän halkara syýasy resminamalaryň biri hökmünde garaýar. Konwensiýanyň düzgünlerini ýerine ýetirmekde Türkmenistan Merkezi Aziýa we hazarýaka ýurtlary bilen sebitleýin, şeýle hem halkara derejede hyzmatdaşlygy amala aşyrýar.



Türkmenistan 2008-nji ýylda Biologik dürlülik hakyndaky konwensiýanyň Biologik howpsuzlyk hakyndaky Kartahena teswirnamasyna goşuldy, 2009-njy ýylda bolsa Suwda ýüzýän guşlaryň ýaşaýan ýerleri hökmünde goralýan halkara ähmiýetli suwly-batgalyk ýerler baradaky konwensiýanyň, ýa-da Ramsar konwensiýasynyň resmi taýdan Tarapy boldy.

Ýurduň dünýä ähmiýetli biologik dürlüligini gorap saklamak we durnukly peýdalanmak hem-de Biologik dürlülik hakyndaky Rio-Konwensiýanyň düzgünlerinden gelip çykýan wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, Türkmenistan 2002-nji ýylda ilkinji gezek 2 sany möhüm resminamalary, ýagny "Türkmenistan. Biologik dürlüligiň ýagdaýy" atly analitiki-baha beriş synyny hem-de geljegi nazarlaýan "Türkmenistanda biologik dürlüligi gorap saklamagyň baş ugry we hereketleriň meýilnamasyny" (BGBUHM) işläp düzdi.

Synda ýurduň tebigy toplumlarynyň, biologik dürlüliginiň hem-de işgärler bilen üpjün etmekligiň ulgamlaýyn, institusional mümkinçiliklerine, şol sanda ylym, bilim we maglumatlar boýunça üpjünçiligine seljerme geçildi we baha berildi. Şeýle hem, synda "Türkmenistanda biologik dürlüligi gorap saklamagyň baş ugry we hereketleriň meýilnamasynyň" esasyny düzen esasy ýörelgeler kesgitlenildi.

# Türkmenistanyň biologik dürlüliginiň ýagdaýyna, üýtgemek meýline, howp salýan sebäplere we adamlaryň hal-ýagdaýyna ýetirip biljek täsirine umumy syn

## 1.1. Biologik dürlüligiň ýurt üçin möhümligi

Dünýä möçberinde janly tebigat örän çylşyrymly, özara baglanyşykly ulgamy emele getirýär. Tebigy ekoulgamlar Ýer ýüzünde adamlaryň ýaşamaklary üçin zerur bolan şertleri üpjün edýärler: howany we suwy arassalaýarlar, klimaty durnuklaşdyrýarlar we ýumşadýarlar, topragyň ýokumlylygyny dikeldýärler, galyndylary gäýtadan işleýärler we başgalar. Her bir biologik görnüş diňe özüne häsiýetli bolan aýratyn wezipeleri ýerine ýetirýär we doly derejede başga bir görnüş bilen öwezini dolup bolmaýar. Islendik, hatda iň bir göze ilmeýän görnüşiň düşüp galmagy tutuş ulgamyň dargamak howpuny artdyrýar. Ähli görnüşleriň jemi Ýer togalagyndaky ýaşaýşyň dowam etmegine ýardam edýär. Biodürlüligiň ülüşleri genetiki materiallaryň çeşmesi bolup hyzmat edýärler.

Türkmenistanyň biologik dürlüligi ýurduň ykdysadyýetinde, halkyň medeniýetinde, däp-dessurlarynda örän möhüm orny tutýar. Dürli landşaftlardaky ýabany tebigat halkyň ol ýa-da beýleki däp-dessurlarynyň, onuň medeniýetiniň we ruhy baýlygynyň döremegini, ösmegini kesgitläpdir.

Ýurduň ösümlik we haýwanat dünýäsi senagatyň ýerli, lukmançylyk, parfýumeriýa, iýmit ýaly pudaklarynyň, awçylygyň we balykçylygyň, şeýle hem oba hojalygynyň ösmeginde uly ähmiýete eýedir. Ykdysady ulgamda ulanylýan ösümlik we haýwan görnüşleriniň sany barha artýar.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri” atly uly göwrümli köptomluk işinde ýurduň ösümlik dünýäsiniň 2000-den gowrak görnüşleri derman ösümlikleri hökmünde ýazylyp beýan edilýär, olaryň 47-si Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň täze üçünji neşirine girizildi (2011). Bu düýpli ylmy eser ýurduň gymmatly ösümlik dünýäsini has giňden öwrenmekde botanika, farmokologiýa ylymlarynyň ösmeginde bahasyna ýetip bolmajak goşant goşdy.

Türkmenistan Merkezi Aziýanyň genetiki merkezindäki medeni ösümlikleriň köpsanly ýabany kowumlarynyň gelip çykan ýurdy hasaplanýar.

Biologik dürlüligiň usulyýet, estetiki, etiki, ylmy, bilim, terbiýeçilik ähmiýetleri barada näçe aýtsaň-da aýdybermeli. Onuň bu ähmiýeti dogrudan-da örän ýokary we gymmatly. Emma biologik dürlüligiň biosferadaky daşky gurşawyň durnuklylygyny saklamak wezipeleri, başgaça aýdylanda biologik dürlüligiň ülüşleriniň ekoulgam hyzmatlary has möhümdir. Biologik dürlüligiň ülüş birlikleri we olaryň döredýän tebigy toplumlary adamlaryň ýaşaýşy üçin amatly bolan gurşawy döretmekde hem-de ony oňaýly ýagdaýda saklamakda bahasyna ýetip bolmajak ähmiýete eýedirler.

Türkmenistanyň biologik dürlüligi 20 müňden az bolmadyk görnüşleri, şol sanda ösümlikleriň 7 müňden gowtak (olaryň 3200 töweregi ýokary derejeli ösümliklere we 4 müňe golaýy hem pes derejeli ösümlikere degişli), haýwanlaryň hem 13 müň töweregi görnüşlerini (şol sanda oňurgaly haýwanlaryň 720, oňurgasyzlaryň hem 12 müňden agdyk görnüşlerini) öz içine alýar. Ýurduň biologik dürlüligi ösümlik we haýwanat dünýäsiniň awtohton ösüşiniň ýokary görkezijileri bilen häsiýetlendirilýär.

Halkyň hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagynda genetiki serişdeleriň uly ähmiýeti bar. Türkmenistanda medeni ösümlikleriň ýabany kowumlarynyň 172 görnüşi, şol sanda häzirkizaman ekasrançylygynyň esasyny düzýän miweli baglaryň, däneli we gök ekinleriň (arpa, dary, mäş, sogan, käşir we başgalar) 40 töweregi saklanyp galan. Olar Merkezi Aziýabyň genetiki merkezindäki görnüşleriň 69%-ini tutýarlar. Öý haýwanlarynyň we medeni ösümlikleriň ýabany kowumlarynyň arasynda diňe Köpetdaga (Horasan daglary bilen utgaşyp gidýän) we Köýtendaga häsiýetli bolan endemik görnüşleriň köp mukdarda duş gelmekligi, genetiki dürlüligiň bu merkeziniň eldekileşdirilen haýwanlaryň hem-de medenileşdirilen ösümlikleriň gelip çykyşynda ähmiýetiniň örän ýokarydygyny görkezýär. Hususan-da, bu ýerde öý geçisiniň görnüşbaşy hasaplanylýan burma şahly (*Capra falconeri*) we sakgally (*Capra aegagrus*) umgalar ýaýrandyrlar, *Ovis* urugynyň wekilleri bolsa öý goýunlarynyň görnüşbaşysy hasaplanylýar. *Equus* urugynyň wekili bolan türkmen gulany (*E. hemionus ssp. onager*) diňe Türkmenistanda saklanyp galdy. Şeýle hem, gadymy wagtlardan bäri bu ýerde ýerli tohumlar bolan türkmen tazysyny, türkmen alabaý itini, ahalteke we ýomut atlaryny hem-de arwana düýeleri ösdürip ýetişdirýärler.

“Ak bugdaý” muzeýiniň Milli genetiki gaznasynda bugdaýyň 270 sort nusgalary, şol sanda ýerli seçginiň netijesinde çykarylan 42 sany gadymy aborigen görnüşleri hem-de arpanyň 144 sany sort nusgalary toplanandyr. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Botanika institutynyň Magtymgulydaky Ösümlikleriň genetiki gorlarynyň ylmy-önümçilik synag merkezinde miweli baglaryň (nar, alma, armyt, garaly, injir, pisse we badam) we üzümiň

409 sany sort nusgalary (şol sanda türkmen topragynda dörän 186 sany aborigen sort nusgalary we 223 sany ýabany ösýän sortlary) saklanýar.

Türkmenistanda tebigy baýlyk bolan biologik dürlüligi gorap saklamak boýunça uly göwrümli işler, ilkinji nobatda hem aýratyn goralýan ýerleri döretmeklik arkaly amala aşyrylýar. Aýratyn goralýan tebigy ýerleriň (AGTÝ) milli ulgamy ýer we suw serişdelerini, kenarýaka zolaklary we suwly-batgalyk ýerleri gowulandyrmaga, goramaga we rejeli peýdalanmaga gönükdirilendir, bu çäreler biologik dürlüligiň goralyp saklanmagyny we dikeldiltmegini üpjün edýärler. Türkmenistanyň AGTÝ-iň ulgamy 2014-nji ýylyň 1-nji iýuly ýagdaýyna umumy meýdany 1 955 717 gektar bolan ýa-da ýurduň tutuş meýdanynyň 4%-e golaýyny tutýan 9 sany döwlet tebigy goraghanalaryny, 16 sany döwlet çäkli goraghanalaryny hem-de 2 sany tebigat ýadygärliklerini özünde jemleýär. Türkmenistanyň biologik dürlüligini goramak AGTÝ-iň tebigy ekoulgamlarynyň üç welaýatlarynyň çäklerinde amala aşyrylýar. Olardan birinjisi Turan düzlük welaýaty bolup, oňa Repetek biosfera, Amyderýa we Gaplaňgyr, şeýle hem 2013-nji ýylda döredilen Bereketli Garagum döwlet tebigy goraghanalary girýär. Daglyk Merkezi Aziýa welaýatyna Köýtendag döwlet tebigy goraghanasy, Köpetdag-Horasan daglyk welaýatyna bolsa Sünt-Hasardag hem-de Köpetdag döwlet tebigy goraghanalary girýär. Garagum çölüniň, Köpetdag-Horasan daglarynyň we Parapamiz dagetek baýyrlyklarynyň çäkleşýän ýerindäki ekoulgamlar bolsa Bathyz döwlet tebigy goraghanasy tarapyndan goralýar. Hazar döwlet tebigy goraghanasynyň meýdanlary hazarýaka çöllük ýerlerini we Hazar deňziniň gündogar kenarýakalaryny öz içine alýar.

Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy ýerleriniň ulgamyny ösdürmegiň maksatnamasy işlenip düzüldi, ýurduň tebigaty goramak tejribesinde ilkinji gezek Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynda “Sumbar” we Ahal welaýatynda “Arçabil” milli tebigy seýilgählerini döretmekligiň ekologiýa-ykdysady esaslandyrmasy taýýarlandy. Aýratyn goralýan tebigy ýerlerde ekologiýa syýahatçylygyny ösdürmeklige maýa goýumlary çekmeklik işlerine girişildi.

Türkmenistanyň çäklerinde guşlar üçin aýratyn möhüm ähmiýetli bolan 50 sany ýerler kesgitlenildi we ýazylyp beýan edildi, olar goralýan tebigy ýerleriň ulgamyny kämilleşdirmäge hem-de geçirilýän gözegçilik işlerini giňeltmäge esas bolup hyzmat edýär.türkmenistanyň guşlar üçin aýratyn möhüm ýerleri Guşlary goramagyň halkara birleşiginiň bütindünýä ulgamynyň düzüm bölegi boldular.

## 1.2. Milli biodürlüligiň derejesi (statusy) we üýtgemek meýli babatda bolup geçen esasy üýtgeşmeler

Ýurduň baý ösümlik we haýwanat dünýäsi we biologik dürlüliliginiň aýry-aýry bölekleriniň oňat öwrenilmegi onuň geçen döwürdäki we jemgyýetiň ösüşiniň häzirki döwründäki ýagdaýyny häsiýetlendirmäge, şeýle hem biologik dürlülik babatda geljekde bolup geçjek üýtgeşmeleriň ekoulgam hyzmatlaryna hem-de olaryň durmuş-ykdysady we medeni netijeleri barada käbir çaklamalary düzmäge mümkinçilik berýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň biologik dürlüliginiň kesgitlenen we ýazylyp beýan edilen umumy mukdary 20 müňden az bolmadyk görnüşleri, şol sanda ösümlikleriň 7 müňden gowrak, haýwanat dünýäsiniň hem 13 müňe golaý görnüşlerini öz içine alýar. Bu köpdürlüligiň ählisi dürli ekoulgamlar – düzlük-çöllük, daglyk, derýa, köl, deňiz, deňizýaka we adam eli bilen özgerdilen ekoulgamlar boýunça ýaýrandyrlar. Her bir ekoulgamda onuň özi üçin häsiýetli bolan ösümlikleriň, janly-jandarlaryň toplumlary duş gelýär.

**Agrobiodürlülik** – Türkmenistanda ýaşaýşyň däp-dessurlarynyň we milli medeniýetiň düzüm bölegi bolup durýar. Ilatyň ýarsyndan gowragy oba ýerlerinde ýaşaýar we oba hojalyk önümçiligi bilen meşgullanýar. Oba hojalyk ýerleriniň umumy möçberi 40 million gektara golaý bolup, olaryň 38,1%-i öri meýdanlary hökmünde peýdalanylýar, 1,7 gektar töweregi bolsa suwarymly ekerançylyk ýerleridir. Agrosenagat toplumynyň esasy düzüm bölekleri suwarymly ýerlerde jemlenendir. Döwlet sektory bilen bir hatarda ýerden esasy peýdalanyjylar hökmünde ýurtda fermer hojalyklarynyň sany hem barha artýar.

Türkmenistanda oba hojalygy pudagynyň esasyny pagtaçylyk (ähli ekin meýdanlarynyň 42%-i), däneçilik (49%) we beýleki ekinler – bakjaçylyk, ir-iýmiş bagçylygy, gök ekerançylyk, üzümçilik (4%) tutýar. Köpýyllyk ekinleriň paýyna (üzüm ekilen meýdanlaryny hem goşmak bilen) oba hojalyk ekinleriniň umumy tutýan meýdanlarynyň 0,24%-i düşýär. Umuman, miweli, ir-iýmişli baglar 20,6 müň gektar, üzümçilik hem 28,1 müň gektar meýdany tutýar.

Milli agrobiodürlüligi, onuň görnüş düzümini gelip çykan ýerleriniň aýratynlyklary bilen bilelikde gorap saklamak – Türkmenistanda Daş töweregi goramak hereketleriniň milli meýilnamasynda (DTGHMM) hem-de Biologik dürlüligi gorap saklamagyň baş ugrunda we hereketleriniň meýilnamasynda (BGBUHM) ileri tutulýan meseleleriň biri hökmünde kesgitlendi.

Türkmenistanda 172 sany medeni ösümlikleriň ýabany kowumlary saklanyp galmak bilen, olaryň 40-sy miweli baglaryň toparyna degişlidir. Köp sanly oba hojalyk ekinleriniň gadymy sortlary we öý hawanlarynyň tohumlary uzak ýyllaryň dowamynda ösdürilip ýetişdirilmegi netijesinde ýerli şertlere oňat uýgunlaşypdyrlar.

Häzirkizaman ekerançylygynyň esasyny düzýän köp sanly medeni ösümlikler (arpa, dary, mäş, sogan, käşir we başgalar, jemi 172 görnüş, ýa-da ähli görnüşleriň 69%-i), özleriniň gelip çykyşy boýunça Orta Aziýa genetiki merkezine degişlidir. Bu merkez birnäçe öý haýwaýlarynyň gelip çykan ojaklary, hususan-da öý geçisiniň ata-baba kowumlary bolan burma şahly we sakgally umgalaryň hem-de öý goýnunyň kowumlary aýraklaryň ýaýran ýerleri bilen hem gabat gelýär. Öň bellenip geçilişi ýaly Equus urugynyň wekili bolan türkmen gulany diňe Türkmenistanda

saklanyp galdy. Şeýle hem bu mekanda türkmen tazysy, türkmen alabaý iti, ahalteke we ýomut atlary hem-de birörküçli arwana düýesi ösdürilip ýetişdirilýär.

Köpsanly oba hojalyk ekinlerinden aýratyn strategiki ähmiýetlilerine gowaça (Gossypium hirsutum, G. peruvianum) we bugdaý (Triticum aestivum) degişlidir. Bakja ekinleriniň, aýratyn-da 400-den-de köp sorty bolan we köp ýurtlarda meşhur bolan türkmen gawunynyň (Melo sativus) soňky ýyllarda jan başyna öndürilişi pese gaçdy, oňa birnäçe sebäpler, şol sanda bakja ekinleriniň ganym duşmany bolan gawun siňeginiň (Carpomyia pardalina) günorta ýurtlardan Türkmenistana aralaşmagy düýpli zyýan ýetirdi. Naryň, almanyň we garpyzyň öndürilýän meýdanlary hem uly däl, şol bir wagtda soňky ýyllarda garpyzyň öndürilişi artyp ugrady. Guraklyga çydamly medeni baglar hökmünde pissäniň we badamyň tutýan meýdanlaryny geljekde has giňeltmäge oňat mümkinçilikler bar. Maldarçylyk pudagynda dowardarçylyk, atçylyk we düýedarçylyk has ileri tutulýan ugurlar bolup durýar, şol bir wagtda hem soňky ýyllarda gara mallary ösdürip ýetişdirýän iri hojalyklary döretmeklige dowlet tarapyndan Döwlet maldarçylyk birleşigine we telekeçilere oňat goldaw berilýär.

Türkmenistanda häzirki wagtda Ylmy-barlag ekerabçylyk instituty, Ylmy-barlag pagtaçylyk insntituty hem-de Ylmy-barlag dänelik ekinleri instituty tarapyndan bugdaý, arpa, däne kösükliler (nohut, noýba, mekgejöwen), şeýle hem gowaça ýaly oba hojalyk ekinleriniň has möhümleri boýunça seçgi işleri alnyp barylýar. “Ak bugdaý” muzeýiniň Milli genetiki gaznasynda bugdaýyň 270 sort nusgalyklary, şol sanda 42 sany gadymy döwürlerde ýerli seçgi netijesinde döredilenleri hem-de arpanyň 144 sort nusgalyklary saklanýar.

2011-nji ýylda kabul edilen “Seleksiýanyň gazananlaryny hukuk taýdan goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanuny ösümlikleriň täze sortlarynyň we haýwanlaryň täze tohumlarynyň seleksiýasy boýunça gazananlary babatda işiň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär, emläk, şeýle hem seleksiýanyň gazananlaryny döretmek, ýüze çykarmak, ösdürip ýetişdirmek we peýdalanmak bilen baglanyşykly ýüze çykýan şahsy emläk däl gatnaşyklary düzgünleşdirýär. Şol bir wagtda hem, Kanunda ýabany ösýän miweli baglaryň genetiki gaznasyny ulanmak arkaly döredilýän sortlaryň hukuk taýdan goraglylyk meselesi görkezilmedik. Şeýle hem, ähli oba hojalyk ekinleriniň we ýerli sortlaryň genetiki dürlüligini gorap saklamak boýunça anyk çäreleriň toplumynyň işlenip düzülmegi zerur.

Biologik dürlülik hakynda konwensiýanyň Biologik howpsuzlyk hakynda Kartahena teswirnamasy kabul edilenden soň (23.02.2008 ý.), ýurtda genetiki taýdan gornüşi özgerdilen organizmleriň (GMO) gözegçiligini üpjün etmek boýunça işlere girişildi. Hususan-da, 2014-nji ýylyň 26-njy awgustynda kanul edilen “Iýmit önümleriniň howpsuzlygyny we hilini üpjün etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda iýmit önümleriniň önümçiliginde we satuwynda GMO önümleri ulanmaklyk gadagan edilen (9-njy we 19-njy maddalar). 2014-nji ýylda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda döredilen Tehnologiýalar merkezinde Düzüminde GMO saklaýan önümleri kesgitlemek we seljermek barlaghanasy işläp başlady. Emma muňa garamazdan, düzüminde GMO saklaýan önümlere gözegçiligi amala aşyrýan pudaklarda degişli işgärleri taýýarlamak we olaryň bilim derejesini ösdürmek bilen bagly meseleler entek açyklygyna galýar. Şeýle hem, biologik howpsuzlyk hakynda ýörite kanunyň taýýarlanylmagy we kabul edilmegi zerur bolup durýar.

Merkezi Aziýa sebitindäki ýurtlaryň arasynda miweli baglaryň ýerli we gadymy sortlaryny hem-de olaryň ýabany ösýän kowumlaryny – miweçiligiň durnukly ösüşini goldaýan tebigy gaznasyny gorap saklamak boýunça döwletara ylalaşygyň bolmagy örän möhümdir.

“Merkezi Aziýada agrobiodürlüligi tebigy ýagdaýda (in-sity) gorap saklamak we durnukly peýdalanamak (2007-2012 ýý.)” atly sebitleýin taslamanyň çäklerinde fermer hojalyklarynda biodürlüligi gorap saklamagy höweslendirmek, hususan-da miweli baglary we olaryň ýabany kowumlaryny gorap saklamak boýunça çäreleri işläp düzmek bilen bagly işler ýerine ýetirildi. Soňky ýyllarda gurak subtropik zolakdaky medeni ösümlikleriň tebigy gorlarynyň (ex-situ), aýratyn-da Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Botanika institutynyň Magtymgulydaky Ösümlikleriň genetiki gorlarynyň ylmy-önümçilik synag merkezindäki miweli baglaryň janly kolleksiýasynyň ep-esli garyplaşandygyny nazarda tutup, bu taslamanyň oňyn netijeleriniň geljekde has ösdürilmegi örän zerur bolup durýar. Zeýtun, unabi, hurma, hurma palmasy ýaly agaçlary ösdürip ýetişdirmekde baý tejribäniň toplanandygyna garamazdan, Etregiň subtropik ekinler boýunça ylmy-önümçilik synag merkeziň işi hem düýpli gowşady, onuň ilkinji sebäpleriniň biri – suw ýetmezçiligi bolup durýar.

**Tokaý ekoulgamlarynyň biodürlüligi.** Türkmenistanyň tokaý gaznasy dagdaky we dag etegindäki (arçalyklar, pisselikler), derýa ýakasyndaky hem-de çöl ýerlerdäki (sazaklyklar) tebigy tokaýlyklardan durýar we ýurduň umumy meýdanynyň 8,68%-ni tutýar. Iň giň meýdanlary çägeli-çöllük ýerlerdäki sazak tokaýlyklary tutýar (3 million 958 müň gektar), soňra dagdaky tokaýlyklar (146 müň gektar), oba hojalyk ekinleriniň töweregindäki gorag tokaý zolaklary (29 müň gektar) we derýalaryň boýundaky tokaýlyklar (26 müň gektar) gelýär. Emeli tokaý zolaklarynyň meýdany barha giňeýär. Köpetdagyň dag eteginde, Aşgabat şäheriniň, welaýat, etrap we ýurduň beýleki iri senagat merkezleriniň töwereginde 100 müň gektardan gowrak meýdanda, “gök guşagy” emele getirýän pürli hem-de ýaprakly agaçlaryň, gyrymsy agaçlaryň tokaý zolaklary döredildi (1998-2014-nji ýyllar). Ilatly ýerleriň töwereginde dürli agaçlardan döredilýän gök zolaklar tokaýlary dikeltmek bilen bagly işleriň düzüm bölegi bolup durýar we häzirki wagtda şeýle işler üstünlikli dowam edýär.

Tokaý ekoulgamlary harytlaryň hem-de hyzmatlaryň giň sanawyny üpjün edýärler. BGBUHM-nyň çäklerinde (2002-2010 ýý.) ýurduň tokaýlarynyň genetiki baýlyklaryny *ex-situ* şertlerde gorap saklamaga gönükdirilen çäreleriň uly toplumy işlenip düzüldi.

2009-njy ýyla çenli Türkmenistanyň tokaý gaznasynyň esasy bölegi “Gök guşak” Paýdarlar jemgyýetiniň düzümindäki tokaý hojalyklaryna degişlidi. Häzirki

wagtda ýurduň ähli tokaý hojalyk kärhanalary aýratyn goralýan tebigy ýerleri (goraghanalar, çäkli goraghanalar we başgalar) bilen bir hatarda Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligine degişlidir.

Türkmenistanyň tokaýlary ilkinji nobatda gorag wezipesini ýerine ýetirýärler we 1-nji derejeli tokaýlara degişlidirler, bu babatda tutýan meýdanynyň örän çäklidigine garamazdan dagdaky arçanyň seýrek tokaýlyklaryny, şeýle hem miweli baglaryň ýabany kowumlarynyň bellenmegi zerur.

Köpetdagyň, Uly Balkanyň we Köýtendagyň dag gerişlerindäki arçalyklar (*Juniperus turcomanica, J. zeravschanica*), baýyrlyklardaky pisselikler (*Pistacia vera*) we daglaryň jülgelerindäki we gaýalaryndaky ýapagyny döküän agaçlaryň (*Acer turcomanica, Celtis caucasica, Ficus carica, Berberis turcomanica, Crataegus pontica we başg*.) tokaýlyklary ähli dag ekoulgamlarynyň durnukly goralyp saklanmagyny üpjün edýän esasy faktor bolup durýarlar.

XX asyryň 90-njy ýyllaryna asyryň başy bilen deňeşdirilende daglardaky arça tokaýlyklarynyň umumy meýdany 30% töweregi azaldy we olaryň amatly ösýän zolaklarynyň derejesi 500-700 metr ýokarlandy. Ähli ilatly ýerleri gazlaşdyrmak boýunça ýurduň Hökümeti tarapyndan geçirilen ägirt uly işleriň netijesinde arçalyklaryň ösýän meýdanlarynyň azalmagynyň öňüni almaklyk başartdy. Daşky gurşawyň biotiki we abiotiki täsirleriniň sazlaşykly saklanyp galmagynda arça tokaýlarynyň ähmiýetine halk köpçüliginiň ünsüni çekmek maksady bilen, bu görnüş Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň ikinji neşirine (1999) girizildi. Tebigy arçalyklaryň goragy güýçlendirildi, şeýle hem arçany emeli ekmek bilen bagly işleriň gerimi giňeldildi. Bu geçilen işleriň netijesinde arçanyň ösýän meýdanlarynyň diňe bir azalmagynyň öňüni almaklyk däl-de, eýsem olaryň umumy meýdanyny belli bir derejede giňeltmeklik hem başartdy. Şeýle oňaýly üýtgeşmeler göz öňünde tutulyp, arça milli Gyzyl kitabyň üçünji neşirinden (2011) çykaryldy.

Çägeli çöllük meýdanlardaky tokaýlyklar ak alaňly-depeli ýerlerde Rihteriň çerkezi (*Salsola richteri*), gandymyň (*Calligonum*), borjagyň (*Ephedra*), sözeniň (*Ammodendron*) we beýleki çöl ösümlikleriniň dürli görnüşleri bilen toplumlary emele getirýän ak sazaklyklardan (*Haloxylon persicum*), tekiziräk ýerlerde bolsa gara sazaklyklardan ýa-da ojarlyklardan (*H. aphyllum*) durýar.

Derýa boýunyň adaty ösümlik dünýäsini gamyşyň (), suwly-batgalyk otlarynyň, ýekeniň (*Typha*) agdyklyk etmeginde, derek (*Populus pruinosa*), söwüt (*Salix songarica*), igde (*Eleagnus orientalis*), ýylgyn (*Tamarix*) ýaly iri agaçlar düzýär. Derýa boýunyň tokaýlyklarynyň kem-kemden dikelýändigine garamazdan, aýry-aýry ýerlede ol tokaýlaryň arasynda üzňelik saklanýar.

Açyk meýdanlardaky durnukly şorlaşýan ýerlerde ösýän toraňňylyklaryň ýylgynlyklar, gyzgan (*Lycium kopetdaghi*), galotamnus (*Halothamnus glauca*), ýowşan (*Artemisia kopetdaghensis, A. oliveriana*) ýaly duza çydamly görnüşler bilen



çalyşmasy bolup geçýär.

Tebigy tokýlyklardan başga, daglary tokaýlaşdyrmak bilen bir hatarda, çöl ýerlerinde ekilýän agaç nahallarynyň tutýan meýdanlary hem barha giňeýär. Soňky birnäçe ýylyň dowamynda (1998-2014-nji ýyllar) Köpetdagyň eteginde Aşgabadyň we beýleki iri şäherleriň töwereginde 100 müň gektardan-da geçýän meýdanlarda pürli we saýaly agaçlaryň 70 milliondan gowrak nahallary oturdylan emeli tokaý zolaklary döredildi, olar şäherleriň töwereginde özboluşly "gök guşagy" emele getirýärler.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýörite karary bilen 2013-nji ýylda Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasy kabul edildi. Bu resminama tebigy tokaýlayklary gorap saklamak, olaryň tutýan meýdanyny giňeltmek bilen bir hatarda, emeli tokaý zolaklaryny döretmeklige hem gönükdirilendir. Milli maksatnama tokaý baýlyklaryny gorap saklamak, şeýle hem olaryň meýdanyny giňeltmek hem-de tokaýçylygy dolandyrmak bilen bagly meseleleriň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin hereketleriň meýilnamasy girizildi.

## 1-nji surat. Türkmenistanda emeli tokaý zolaklaryny döretmegiň gerimi




2011-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Tokaý kodeksi tokaý agaçlarynyň möhümligini kanuny esasda berkitmäge mümkinçilik berdi. 2013-nji ýyldan tokaýlary seljermek (inwentarizasiýa) we barlag işleri ýola goýuldy, tokaý gurluşy boýunça täze materiallar toplanylýar, tokaý gaznasynyň döwlet hasaby hem-de tokaý kadastryny ýöretmek işleri gaýtadan dikeldildi. Tokaýçylygy ösdürmekde bu möhüm işler XX asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyryndan bäri geçirilmeýärdi.

Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasyna laýyklykda Aral deňziniň guran düýbünden göterilýän duzly tozanlaryň zyýanly täsirine sezewar bolan ýurduň demirgazyk böleginde 20 müň gektardaky ýerlerde tokaýlaşdyrmak, ilkinji nobatda hem sazak, gandym we beýleki çöl ösümliklerini ekmek işleri giň gerimde alnyp barylýar. Arça tokaýlyklaryny dikeltmeklige, pisseçiligi ösdürmeklige, şol sanda çöl ýerlerinde ýetişdirmeklige gönükdirilen maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär. Tokaýlyklaryň arasynyň üzülmeginiň öňüni almak we ol ýerlerdäki tokaýlaryň gaýtadan dikeldilmegi – howanyň ähliumumy üýtgemegine uýgunlaşmakda örän möhüm ýagdaýlaryň biridir.

**Hazar deňzini hem goşmak bilen, suwly-batgalyk ýerleriň biologik dürlüligi.** Türkmenistanda esasy suwly-batgalyk ýerler Hazar deňiniň türkmen bölegindäki kenarýaka aýlaglary, Amyderýanyň, Murgap, Tejen, Etrek derýalarynyň, Garagum-derýanyň boýlaryny hem-de olaryň ugrundaky kölleri we howdanlary, şeýle hem Sarygamyş kölüni öz içine alýar.

Günorta-Gündogar Hazaryň kenaryndaky suwly-batgalyk ýerler – Türkmenbaşy, Demirgazyk Çeleken, Balkan, Mihaýlow we Türkmen aýlaglary suwda ýüzýän we suw ýakasynda ýaşaýan guşlaryň ýaşaýşynda, aýratyn-da olaryň göçýän we gyşlaýan döwürlerinde örän möhüm ähmiýete eýedirler. Türkmenbaşy aýlagy halkara ähmiýetli suwly-batgalyk ýer hökmünde 2009-njy ýylda Ramsar konwensiýasynyň sanawyny girizildi. Şeýle hem, bu aýlag guşlar üçin aýratyn möhüm ýer diýlip kesgitlenildi we 2007-nji ýylyň ýanwarynda sebitde ilkinji gezek resmi halkara sertifikaty alyndy.

Günorta-Gündogar Hazaryň kenarýakasynda Hazar döwlet tebigy goraghanasy hereket edýär, Ogurjaly çäkli goraghanasyny hem öz içine alýan bu goraghana 268 müň gektar meýdany tutýar, ýa-da Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy ýerleriniň ulgamynyň umumy meýdanynyň 14%-ne barabardyr. 2007-nji ýyldan başlap Hazar deňziniň kenarynda gyşlaýan suwly-batgalyk ýerleriniň guşlarynyň gyşky sanawy geçirilýär, käbir ýyllarda sanawy geçirmek üçin awiasiýanyň kömeginden hem peýdalanyldy. Alnan maglumatlar geçen asyryň 80-90-njy ýyllary bilen deňeşdirilende bu ýerde gyşlaýan guşlaryň sanynyň belli bir derejede azalandygyna şaýatlyk edýär, bu ýagdaýyň ilkinji nobatda guşlaryň tutuş sebit boýunça sanynyň ähliumumy azalandygy sebäpli ýüze çykan bolmagy mümkin. Şol bir wagtda hem, soňky 20 ýylyň dowamynda Hazaryň kenarýakalarynda duş gelýän guşlaryň görnüş dürlüligi uly çalymtyl çarlak (*Larus hyperboreus*), uzynguýruk çarlak (*Stercorarius longicaqudus*), gyzylbaşly togan (*Lanius senator*), uzynguýruk pitpiti (*Uragus sibiricus*), garapetekeli süleçi (*Calcarius lapponicus*), akegin süleçi (*Emberiza auriola*) ýaly täze görnüşleriň hasabyna ep-esli baýlaşdy. Bu ýagdaýyň howanyň üýtgemeginiň täsiri netijesinde bolup geçýän bolmagy mümkin (Щербина, 2013).

2000-nji ýyldan başlap Garagum çölüniň demirgazyk-günbatar böleginde şor-suw akabalarynyň suwlaryny bir ýere jemlemek maksady bilen dördilýän “Altyn asyr” Türkmen kölüni gurmak bilen bagly ägirt möçberli taslamanyň durmuşa geçirilmegi netijesinde Türkmenistanda suwly-batgalyk ýerleriň geografiýasy has-da giňedi. Sözüň doly manysynda Türkmenistandaky tebigy we emeli suw ulgamlaryny eketäk ulgama birleşdiren “Altyn asyr” Türkmen kölünde we oňa barýan suw akabalarynda 67 sany suwly-batgalyk ýerler kesgitlenen we ol suwly ýerlerde suwda ýüzýän we suw ýakasynda ýaşaýan guşlaryň 120-den gowrak görnüşleri hasaba alyndy (Рустамов, Белоусова, 2013).

Hazar deňziniň türkmen kenaryna ýanaşýan suwlarynda balyklaryň 50-den gowrak görnüşleri we süýdemdirijileriň ýeke-täk wekili – hazar düwleni (*Phoca caspica*) duş gelýär. Hazar deňziniň endemik görnüşi bolmak bilen, hazar düwleni deňiz ekoulgamynyň sazlaşykly dowam etmeginde örän uly ähmiýeti bardyr. Häzirki wagtda Hazar deňzinde balyklaryňam (şol sanda bekre balyklarynyň hem), düwleniňem ýagdaýy peseldi (depressiýa) we olaryň sanynyň azalmaklygy dowam edýär. Şeýle ýagdaýyň emele gelmeginde balyklar üçin olaryň has köp tutulmagy we Hazar deňzi üçin ýat görnüş bolan küreklije-mnemiopsisiň (*Mnemiopsis leidyi*) täsiri, düwlen üçin bolsa – wirus keselleriniň, ene düwlenleri önelgesizlige getirýän durnukly zäherli himikatlaryň täsiri, şeýle hem olaryň, aýratyn-da ýaş çagalarynyň köpçülikleýin tutulmagy esasy sebäpler diýlip hasaplanylýar.

Deňziň kenarýaka aýlaglarynda makrofit suwotularyň 41 görnüşi, suwasty gidrofitleriň 5 görnüşi duş gelýär. Kenarýaka florasy damarly ösümlikleriň 500-den gowrak görnüşlerini özünde jemleýär we düzümi boýunça Garagumyň florasyna ýakyndyr (Камахина, 2008). Guşlaryň we ihtiofaunanyň wekilleriniň iýmit binýadyny gidrofit ösümlikler we zoobentosyň 29 (leňňeçşekilliler, gurçuklar, mollýuskalar we mör-möjekler) görnüşleri düzýärler.

Häzirki wagtda Hazaryň bekre balyklaryny emeli köpeltmek (doky — *Huso huso*, rus bekresi — *Asipenser gueldenstaedtii*, tirana — *A. stellatus*) we olaryň işbilini öndürmek bilen bagly işler, şeýle hem leňňeji köpçülikleýin tutmak maksady bilen tebigy gorlaryny köpeltmek hem-de duza çydamly leňňeçjik – artemiýany (*Artemia salina*) howuzda ösdürip ýetişdirmek boýunça işler alnyp barylýar.

Türkmen döwletiniň Hazar deňziniň kenaryndaky bu günki giň möçberli maksatnamalary biologik dürlüligiň azalmagy, daşky gurşawyň hiliniň peselmegi (hapalanmagy), biologik serişdeleriň goralyp saklanmagy ýaly meseleleri çözmeklige, şeýle hem kenar infrastrukturasynyň ýagdaýyny we ösümlik we haýwanat dünýäsiniň wekilleriniň ýaşaýan ýerlerini gowulandyrmaklyga gönükdirilendir.

Hazar sebitiniň ekologik ýagdaýyny gowulandyrmak maksady bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasynyň (ÝUNEP) utgaşdyrmagynda hazarýaka ýurtlary (Azerbaýjan Respublikasy, Eýran Yslam Respublikasy, Gazagystan Respublikasy, Russiýa Federasiýasy, Türkmenistan) tarapyndan Hazar deňziniň deňiz gurşawyny gorap saklamak boýunça çarçuwaly konwensiýa (Tähran konwensiýasy) işlenip düzüldi we 2006-njy ýylyň 12-nji

awgustyndan bäri hereket edýär. Bu konwensiýanyň çäklerinde oňa gatnaşyjy ýurtlar tarapyndan 4 sany teswirnamalar işlenip düzüldi, olaryň üçüsi, ýagny Nebit bilen hapalanma getirýän hadysalar ýagdaýynda sebitleýin taýýarlyk, jogap hereketleri we hyzmatdaşlyk hakynda Teswirnama; Hazar deňzini ýerüsti çeşmelerden we gury ýerde amala aşyrylýan işiň netijesinde hapalanmalardan goramak hakynda Teswirnama we Biologik dürlüligi gorap saklamak hakynda Teswirnama gol çekildi. Serhetüsti derejede daşky gurşawa täsir edilmegine baha bermek hakynda Teswirnama boýunça häzirki wagtda döwlet içindäki ylalaşmak bilen bagly çäreler amala aşyrylýar.

Türkmenistanda 2007-nji ýyldan bäri Hazar boýunça hereketleriň Milli meýilnamasy (HHMM) amala aşyrylýar, bu Hazar deňziniň milli derejedäki we serhetüsti häsiýetli, şol sanda onuň gaýtalanmajak özboluşly biologik dürlüligini gorap saklamak bilen bagly meseleleri çözmek boýunça işleri sazlaşykly alyp barmak üçin esas hökmünde işlenip düzülen maksatnamalaýyn resminamadyr. Türkmenistanyň HHMM bellenen sebitde ekologik ýagdaýy gowulandyrmaklyga we adamlaryň işjeňligi netijesinde onuň ýaramazlaşmagynyň öňüni almaklyga gönükdirilendir. Häzirki wagtda HHMM-iň üstünde gaýtadan işlenen täze nusgasy taýýarlandy we ýakyn wagtda tassyklanar.

**Derýa ekoulgamynyň biodürlüligi.** Içki suw ulgamlarynyň biodürlüligi ilat üçin iýmit önümleriniň, girdejiniň we ýaşaýşyň möhüm çeşmelerinden biri bolup durýar. Derýa ekoulgamlary gidrobiologik deňagramlylygyny hem-de köpsanly ösümlik we haýwan görnüşleriniň ýaşaýan ýerleriniň saklanyp galmagyny üpjün edýärler. Düzlüklerden (Amyderýa, Murgap, Tejen) we daglaryň arasy bilen akyp geçýän (Sumbar, Çendir, Etrek) derýalaryň boýunda garagaç (*Ulmus*), derek (*Populus*), dagdan (*Fraxinus*), ýylgyn (*Tamarix*) we beýleki agaçlardan durýan gadymy (relikt) tokaýlyklar ýapgyt kenarlarda ösýärler.

Häzirki wagtda Amyderýanyň we Murgabyň boýundaky ini 50 metrden 500 metre çenli zolagy tutýan, arasy üzülýän tokaýlyklaryň toplumlarynyň ösüşi hem-de olaryň ýagdaýynyň ýaramazlaşmak derejesi (degradasiýa) biri-birinden tapawutlanýar. Tokaýlaryň zaýalanmagy netijesinde olaryň toplumlarynyň käbir ýerlerinden söwütleriň (*Salix acmophylla, S. excelsa*) we toraňňynyň (*Populus pruinosa*) ýitmek hadysasy bolup geçýär. Bu ekoulgam üçin ykdysady taýdan gymmatly görnüşe süýji buýan (*Glycyrrhiza glabra*) degişlidir. Etrek derýasynyň aşaky akymynda suwuň ýoklugy sebäpli tokaýlyklar doly ýitip barýar. Derýalaryň boýundaky tokaýlyklaryň meýdanyny giňeltmek boýunça degişli işler, ilkinji nobatda hem döwlet goraghanalary tarapyndan alnyp barylýar.

Derýalaryň süýji suwly ekoulgamlarynyň faunasy içki suw ýataklaryna häsiýetli bolan görnüşleriň ählisini diýen ýaly özünde jemleýär. Bu ýerde ýerde-suwda ýaşaýanlardan ýaşyl we däneata gurlawyklary (*Bufo viridis, B. danatensis*), gurbagalaryň 3 görnüşi (*Rana macrocnemis, R. nigromaculata, R. ridibunda*), köpsanly suwulganlar we ýylanlar duş gelýärler. Sýüdemdiriji haýwanlardan ýabany doňuz ýa-da ýekegapan (*Sus scrofa*), gunduz (*Lutra lutra*) ondatra (*Ondatra zibethicus*) we suwiti (*Myocastor coypus*) ýaly görnüşler häsiýetlidir. 2008-nji ýylyň gazaply gyşy soňky 2 görnüşiň tebigatdaky ýagdaýyna örän güýçli täsir etdi. Öňler ýitmäniň bäri ýanynda bolan amyderýa tokaý sugunynyň (*Cervus elaphus bactrianus*) sany geçirilen we geçirilýän çäreleriň netijesinde durnuklaşdy we häzirki wagtda az-kem artyp başlady. Onuň esasy gezýän ýerleri Amyderýa döwlet tebigy goraghanasy tarapyndan goralýar. Dürli wagtlarda derýa boýundaky tokaýlaryň we beýleki ösümlikleriň meýdanynyň azalmagy turajyň (*Francolinus francolinus*), sülgüniň (*Phasianus colchicus*) tebigatdaky ýagdaýyna özüniň zyýanly täsirini ýetirdi. Amyderýada uly we kiçi pilburun balyklaryny (*Pseudoscaphirhynchus kaufmanni; P. hermanni*) öwrenmek bilen bagly geçirilen barlaglar olaryň sanynyň durnukly saklanýan hem bolsa, pes derejededigini görkezdi (Сальников и др., 2013), bu balyklaryň 2 görnüşi hem Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna (2011) girizilendir.

**Dag ekoulgamynyň biodürlüligi.** Türkmenistanda dag ekoulgamlary esasan ýurduň günorta we günorta-gündogar böleginde ýerleşýär: ýagny Uly Balkan dagyny hem goşmak bilen Köpetdag hem-de Pamir-Alaý daglarynyň Gissar gerşiniň günorta-günbatar çetini emele getirýän Köýtendag, olaryň arasynda bolsa Bathyz we Garabil belentligi ýerleşýär. Türkmenistanda Köpetdag, Köýtendag we Bathyz biodürlüligiň iň köp toplanan ýerleri bolmak bilen, olaryň medeni ösümlikleriň hem-de öý haýwanlarynyň gelip çykan merkezleriniň hem-de gadymy biologik we medeni-taryhy reliktleriň üzňeleşen tebigy ojaklarynyň biri hökmünde ähmiýeti örän uludyr. Bu daglaryň absolýut beýiklikleriniň häzirkizaman buzly zolaklaryndan pesde ýerleşýändigi sebäpli ýeterlik mukdarda çyglylyk bolmaýar. Emme muňa garamazdan şu sebitde (daglyk ýerlerde) dürli ekoulgamlar, görnüşleriň baý toplumy, köp sanly endemik görnüşler we oba hojalyk ekinleriniň hem-de öý haýwanlarynyň ýabany kowumlarynyň genetiki köpdürlüligi toplanandyr. Türkmenistanyň oňurgaly haýwanlarynyň 2/3 bölegi daglyk ýerlerde we dag etegindäki baýyrlarda duş gelýär.

Husasan-da, Köpetdagyň türkmen böleginde ösümlikleriň 2 müňe golaý görnüşleri ösýär (Камелин, 1973), bu ýerde köpetdag-horasan uruglarynyň 332 sany endemik we subendemik görnüşleriniň (ýa-da 18%) ýaýran ýerleri (arealy) kesişýär. Olaryň arasynda dar ýaýrawly endemik görnüşleriň Merkezi Köpetdagda 27-si, Günorta-Günbatar Köpetdagda hem 48-si hasaba alyndy. Çöllük ýerde aýratyn ada bolup oturan Uly Balkan dagynda ýokary derejeli damarly ösümlikleriň 475 görnüşi, Köýtendagda bolsa 980-den gowrak, şol sanda 39 sany ýerli endemik görnüşler duşgelýär. Ýerli floranyň 1600 töweregi görnüşi öz düzminde biologik işjeň maddalary saklaýarlar.

Oňurgaly haýwanlaryň faunasy hem diýseň baý: Köpetdagda – 372, Uly Balkanda 196, Köýtendagda hem 230-dan gowrak görnüşler ýaýrandyrlar. Ösümlik we haýwanat dünýäsiniň endemik görnüşleriniň köp mukdarynyň toplanmagy sebitde bu babatda 3 sany uly welaýatyň, ýagny Köpetdag-Horasan, Daglyk Merkezi Aziýa hem-de Düzlük Turan welaýatlarynyň Bathyzdaky we Garabildäki daglyk hem-

de düzlük ýerleriň arasyndaky geçiş zolagyndaky kesişýän çatrygy bolmagy bilen düşündirilýär.

Öri meýdanlary hökmünde uzak wagtyň dowamynda has köp ulanylmagy ýerli ösümlik toplumlarynyň (arçalyklaryň, deleli-däneli sähralyklaryň, ownuk daşly ýapgytlardaky ösümlik toplanmalary) tebigy gorlarynyň ýagdaýyna özüniň ýaramaz täsirini ýetirdi, hususan-da topragyň dykyzlanmagyna, ýer üstünden suwuň tiz akmagyna we topragyň ýuwulmagyna hem-de topragyň çyglylygynyň peselmegine getirdi. Soňky ýyllarda yzygiderli geçirilýän çärelere baglylykda dagda arçalyklaryň meýdany giňäp başlady.

Ýylanlaryň ýurtdan çykarylmagynyň gadagan edilmegi, zäherli ýylanlaryň saklanýan serpentarileriniň ählisiniň ýapylmagy hem-de olaryň goragynyň güýçlendirilmegi bilen baglylykda Türkmenistanda ýylanlaryň we beýleki süýreniji haýwanlaryň tebigy ýaýran ýerleriniň çäginde olaryň sanynyň dikelmegine oňat şertler döredi. Netijede merkeziaziýa kepjebaşysynyň (*Naja oxiana*) we göklorsunyň (*Macrovipera lebetina*), şeýle hem zemzeniň (*Varanus griseus*) sany has artdy, bu bolsa öz gezeginde kepjebaşy we zemzeni Türkmenistanyň Gyzyl kitabyndan (2011) çykarmaga mümkinçilik berdi.

Yzygiderli geçirilýän gorag çäreleriniň netijesinde käbir toýnakly haýwanlaryň tebigatdaky ýagdaýynyň durnuklaşmagyny gazanmak başartdy, burma şahly umganyň sany bolsa soňky 10 ýylda 1,5 esse artdy. Alajagaplaňyň (*Panthera pardus ssp. saxicolor*), dazzarkel (*Gyps fulvus*), gajar (*Aegypius monachus*), sakgally garaguş (*Gypaetus barbatus*) ýaly maslyk bilen iýmitlenýän nekrofaglaryň we beýleki käbir ýytyjy guşlaryň sany durnukly bolsa-da, pes derejede galýar. Keýikleriň (*Gazella subgutturosa*) Hazar deňzindäki Ogurjaly adasynda döredilen populýasiýasyndan beýleki goraghanalara, şol sanda Günorta-Günbatar Köpetdaga gaýtadan ornaşdyrmak işleri alnyp barylýar, bu ýerdäki keýikleriň sany kem-kemden artýar, bu bolsa geljekde alajagaplaňyň we käbir beýleki ýyrtyjylaryň ygtybarly iýmit binýadyny üpjün eder. Şol bir wagtda hem, Ogurjaly adasyndaky keýikleriň nesil durnuklylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, welaýatlardan keýikleriň belli bir bölegi tutulyp, ada goýberilýär.

**Çöl ekoulgamlarynyň biodürlüligi.** Türkmenistanda ýurduň meýdanynyň köp bölegini (80%) gurak çöllük ekoulgamlary tutýar. Çöl ekoulgamlarynyň biodürlüligi beýle baý bolmasa-da, olaryň tebigy gurşawyň amatly derejede saklanmagyny hem-de ekoulgam hyzmatlaryny üpjün emekdäki ähmiýeti örän ýokarydyr. Galyberse-de, Garagum çölüni tutuşlygyna öz içine alýan Turan pesligi oňurgasyz haýwanlaryň – mör-möjekleriň ägirt köp sanly görnüşleriniň gelip çykan merkezleriniň biri hasaplanýar (Мярцева, 1998).

Türkmenistanyň gurak ýerlerine (çyglylygy ýeterlik bolmadyk zolagyna) onuň düzlük-çöllük ekoulgamlary (Garagum çöli, Sandykly, Günorta Üstýurtyň we Hazar ýakasynyň çölleri) degişli bolup, tutýan umumy meýdany boýunça beýleki ekoulgamlar bilen deňeşdirilende mese-mälim agdyklyk edýär (ýurduň meýdanynyň 80%-i). Garagumyň çägeli çöllerinde (35 million gektar) ýokary derejeli ösümlikleriň 757 görnüşi, ýa-da ýurduň florasynyň 25,2% duş gelýär, olaryň 25-si seýrek endemik görnüşlerdir (Гельдиханов, 1995). Amyderýanyň sag kenarynda Farap bilen Köýtendagyň arasynda ýerleşýän Sandykly çölünde we dag etegindäki baýyrlyklarda ösümlikleriň 710 görnüşi hasaba alyndy (Еллыбаев, 1996). Türkmenistanyň demirgazyk-günbatarynda, hazarýaka sebitindäki çöllüklerde ösümlikleriň 434 görnüşi (Рустамов, 1972); Günorta Üstýurtyň çöllüklerinde bolsa – 294 görnüşi (Коган, 1954) ýüze çykaryldy. Garagumyň florasynyň düzüminde selmeler (*Chenopodeaceae*), çylşyrymlygüllüler (*Asteraceae*) и däneliler (*Poaceae*) maşgalalaryna degişli görnüşler agdyklyk edýär. Görnüşleriň arasynda uly agaçlaryň sany örän az (1,4-1,8%), birýyllyk otlar (49,6%) köpýyllyk otlardan (25,0%) has köp duşýar.

Ýurduň gurak ekoulgamlarynyň çäginde ak alaňlar, alaňly çöllükler, berkleşen jyglym daşly-gipsli çägelikleri, Üňüzaňyrsy gyrlaryň ulgamlary, takyrlar, takyrgörnüşli topraklar, şorluklar ýaly landşaftlar has köp ýaýrandyrlar. Ösümliklik toplanmalarynda gyrymsylaryň we ýarymgyrymsylaryň sazakly, garyşyk-ak sazakly, ýowşanly, şoraly, efemerli-ýowşanly formasiýalary we beýleki görnüşleri duş gelýär. Agaçly-gyrymsy agaçly toplanmalarda esasan ak sazak (*Haloxylon persicum*), gara sazak ýa-da ojar (*H. aphyllum*) we sözeniň dürli görnüşleri (*Ammodendron conollyi, A. karelinii*) agdyklyk edýär.

Ýurduň ilatly nokatlarynyň ählisiniň diýen ýaly gazlaşdyrylmagy çöl ekoulgamlarynyň esasyny düzýän agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň çapylmagynyň azalmagyna özüniň oňyn tasirini ýetirdi we bu babatda çöl ösümlikleriniň ýagdaýynyň oňatlaşmagy dowam edýär.

Seýrek duş gelýän görnüş hökmünde Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen saýgak (*Saiga tatarica tatarica*) Türkmenistanyň demirgazyk, demirgazyk-günbatar sebitlerinde, esasan hem Garabogazköl aýlagynyň töwereginde, Günorta Üstýurtda we Sarygamyş çöketliginde duş gelýär. Saýgagyň Türkmenistanda gyşlaýan üstýurt populýasiýasynyň sany XX asyryň 80-nji ýyllarynda 30 müňe, käbir ýyllarda bolsa 50 müňe çenli ýetýärdi. Emma olaryň esasy ýaşaýan ýerlerinde (Gündogar Gazagystan) sanynyň üzül-kesil azalmagy netijesinde, soňky ýyllarda saýgaklar Demirgazyk-Günbatar Türkmenistanda örän seýrek ýagdaýda duş gelýärler. Bu görnüşi gorap saklamak we onuň tebigatdaky sanyny dikeltmek boýunça çäreleriň toplumy sebit derejesinde Göçýän görnüşler boýunça konwensiýanyň (ýa-da Bonn konwensiýasynyň) utgaşdyrmagynda saýgagyň ýaýran ähli ýurtlarynyň gol çeken "*Saýgagy gorap saklamak, sanyny dikeltmek we durnukly peýdalanmak boýunça özara düşünişmek hakynda Ähtnamanyň*" çäginde köptaraplaýyn, şeýle hem Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasynda gol çekilen Ylalaşygyň çäklerinde ikitaraplaýyn görnüşde amala aşyrylýar. Saýgagy we onuň göçýän, gyşlaýan, köpelýän döwründäki ýaşaýan ýerlerini gorap saklamak bilen bagly

tebigaty goramaga degişli meseleler serhetleşýän ýurtlaryň bilelikdäki ylalaşykly herketleriniň ýerine ýetirilmegini talap edýär.

Tebigaty goramagyň halkara bileleşiginiň (IUCN) Gyzyl sanawyna (2007) we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna (2011) girizilen türkmen gulanynyň ýagdaýy çylşyrymlylygyna galýar. Bathyz we beýleki döwlet tebigy goraghanalarynyň çäklerinde berk gorag düzgünininiň ýola goýulmagy bu haýwanyň tebigatdaky sanynyň azalmagynyň öňüni almaga mümkinçilik döretdi, emma adamlar tarapyndan bikanun awlanylmagy bilen bir hatarda, ýyrtyjy haýwanlaryň, ilkinji nobatda hem möjegiň täsiri, şeýle hem tomus aýlarynda suwuň ýetmezçiligi gulanlaryň sanynyň doly dikelmegine päsgelçilik döredýär.

## 1.3. Biodürlülige abanýan esasy howplar

Türkmenistanyň biodürlüliginiň görnüş, kiçi görnüş we populýasiýa derejesinde ýitmek howpuna Türkmenistanyň Gyzyl kitabynda (1985, 1999, 2011) baha berildi. Şeýle hem, biodürlülige abanýan esasy howplar Biodürlülik hakynda konwensiýanyň talaplarynyň ýerine ýetirilişi barada ýurt boýunça taýýarlanan öňki hasabatlarda seredilip geçildi. Ekoulgamlaryň durnuklylygyny üpjün etmekde esasy sazlaşdyryjy faktor hökmünde ykrar etmek bilen, milli baýlyk bolan biodürlülige dünýä derejesinde ähmiýet berilýär.

Türkmenistanyň biodürlüliginiň azalmak meýli häzirki zaman ekologiýa meseleleriniň arasynda aýratyn orny eýeleýär. Şonuň üçin hem milli biodürlüligi gorap saklamak we onuň baýlaşmagyna goldaw bermek Türkmenistanyň durnukly ösüşiniň möhüm kesgitleýjisi hökmünde seredilýär. Soňky ýyllarda köp sanly çäreleriň geçirilýändigine garamazdan, Türkmenistanyň ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ençeme görnüşleri adamlaryň biologik baýlyklaryň möhümligine doly göz ýetirip, olardan peýdalanmaklygy durnukly dolandyrmaklygy ýola goýmazyndan öň ýitip gitdiler.

Biodürlüligiň azalmagynyň esasy sebäplerini kesgitlemeklik kyn, olar toplumlaýyn bolmak bilen, diňe bir milli häsiýetli däl-de, eýsem sebit we halkara häsiýetlidir. Olardan esasylary görnüşleriň ýaşaýan ýerleriniň daralmagy, ýat görnüşleriň täsiri, tebigy başlyklaryň has köp peýdalanylmagy, howanyň üýtgemegi, täze ýerleri özleşdirmek hem-de daşky gurşawyň hapalanmagy bilen baglylykda adam täsiri we beýlekilerdir.

Floranyň we faunanyň dürli **görnüşleriniň ýaşaýan ýerleriniň zaýalanmagy** adam täsirine baglylykda (*şol bir ýerde malyň has köp bakylmagy, agaçlaryň-gyrymsy agaçlaryň çapylmagy, tarp ýerleriň özleşdirilmegi, ýollaryň çekilmegi, dag magdanlaryny gazyp almak senagaty we başg.*), şeýle hem tebigy sebäplere görä (*deňziň derejesiniň beýgelmegi we peselmegi, howanyň ähliumumy üýtgemegi, tebigy hadysalar netijesinde zyýanlý himiki maddalaryň daşky gurşawa düşmegi, tebigy betbagtçylyklar, gurakçylyk we başg.*) bolup geçýär.

Topragyň zaýalanma hadysasy Tükmenistanyň dürli ýerlerinde, şol sanda köp sanly ekoulgamlaryň ösümlik örtüginiň zaýalanmagy netijesinde bolup geçýär. Geçen asyryň 40-50-nji ýyllarynda odun üçin tutuşlygyna diýen ýaly çapylmagy netijesinde zaýalanan dag (arçalyklar, dag sähralyklary) we çöl (sazaklyklar) ekoulgamlary häzirki güne çenli doly dikelmeýär, Garagum çölüniň gyrymsy agaçly-otly öri meýdanlarynyň kem-kemden ýowşamly-otly toplanmalar bilen çalyşmagy bolup geçýär. Şol bir wagtda hem, Türkmenistanyň köp ýerindäki ilatly nokatlaryň gazlaşdyrylmagy netijesinde adamlar tarapyndan agaçlaryň odun üçin çapylmagy azaldy, bu bolsa öz gezeginde çägeli çöllerde ösümlik örtüginiň ösmegine ýardam etdi. Ýyl-ýyldan güýçlenýän gurakçylyk, şeýle hem bolup geçýän ýangynlar tebigy ekoulgamlaryň üýtgemegine getirýär.

Türkmenistan üçin **ýat görnüşleriň aralaşmagy we biologik hapalanma hadysasy** aýratyn ähmiýete eýedir, çünki olar oba, tokaý, balyk hojalyklaryna, biologik därlüligiň tebigy ýagdaýyna özleriniň zyýanly täsirini ýetirýärler. Türkmenistanyň çäginde häzirki wagtda onlarça ýat ösümlik we haýwan görnüşleri ýaýrandyr we olaryň köpüsi özleriniň işjeňligi bilen ekologik, durmuş we ykdysady taýdan zyýanly netijelere getirmekleri mümkin.

Faunanyň adwentiw häsiýetli (getirilen, aralaşan) möhüm ýat görnüşleriniň, ýagny oňurgaly haýwanlaryň 25 we oňurgasyzlaryň hem 32 görnüşiniň sanawy düzülen, olaryň 24-sinde inwaziw häsiýet aýan edilen (Камахина, Анначарыева, 2008). Guşlaryň arasynda aýratyn-da hindi sary ýa-da meýneguş (*Acridotheres tristis*) we halkaly gumry (*Streptopelia decaocto decaocto*), balyklardan – koreý garynlyjasy (*Hemiculter leucisculus*), amur ýa-da derýa abbotinasy (*Abbotina rivularis*), menekli bükür balyk (*Rhodeus ocellatus*), üçiňňeli sanjar balyk (*Gasterosteus aculeatus*) we başgalar has sgressiw aralaşmak bilen ýerli görnüşleri gysyp çykarýarlar. Oňurgasyzlaryň arasynda inwasiw häsiýet murtaýak leňňeçjikde (*Balanus improvisus*) we iýmit bäsleşiginde balyklaryň köpçülikleýin tutulýan promysel ähmiýetli görnüşlerini gysyp çykarýan gidrobiont küreklije-mnemiopsisde (*Mnemiopsis leidyi*) ýüze çykaryldy. Hazaryň tutuş deňiz ekoulgamyny biologik hapalaýjy ýat görnüş hökmünde, mnemiopsis külke balyklaryň we beýleki görnüşleriň sanynyň azalmagynyň esasy sebäpleriniň biri hasaplanýar. Şol bir wagtda hem, iýmit babatda esasy bäsdeş bolan balyklaryň çakdan aşa köp tutulmagy netijesinde Hazar deňzinde mnemiopsis üçin ekologik tagçanyň (ýaşaýyş ýeriniň) – amatly şertleriň dörän bolmagy-da ähtimal.

Fitofag mör-möjekleriň arasynda şitilhana (*Trialeurodes vaporariorum*), gowaça akganatlyjalarynyň (*Bemisia tabaci*), gawun siňeginiň (*Myiopardalis* [*Carpomyia*] *pardalina*), Komstogyň unjumak gurçugynyň (*Pseudococcus comstocki*) we beýleki görnüşleriň ýaýramagy uly howp döredýär. Ýaprak köwüji güýeleriň we bag garynjasynyň (*Lasius neglectus*) hem inwaziw häsiýetleri bellidir.

Haýwaýat dünýäsiniň wekilleriniň, şol sanda keýikleriň, umgalaryň, aýraklaryň **bikanun awlanylmagy** olaryň sanynyň dikelmegine ýaramaz täsir edýär.

Daglarda we düzlük meýdanlarda **mallaryň düzgünleşdirilmän bakylmagy** hem-de **öri meýdanlarynyň çenden aşa köp ulanylmagy** netijesinde topragyň ýokarky gatlagynyň dykyzlanmasy we ol gatlagyň ýagyş suwlary arkaly ýuwulmasy bolup geçýär, topragyň çyglylygy peselýär, bu bolsa öz gezeginde ýerleriň zaýalanmagyna ýa-da çölleşme hadysasynyň güýçlenmegine getirýär.

Hazarýaka ýurtlary tarapyndan **Hazar deňziniň tebigy baýlyklarynyň uly möçberlerde özleşdirilmegi** onuň biologik dürlüliginiň ýagdaýyna güýçli tasir edýär. Haýwanlaryň rahatlygynyň bozulmagy, tebigy baýlyklaryň has köp mukdarda alynmagy we deňziň suwunyň, zyýanly maddalar, ilkinji nobatda hem nebit önümleri bilen hapalanmagy, ýat görnüşler bilen bilelikde tutuş Hazar deňziniň biodürlüliginiň azalmagyna getirdi. Bu ýagdaý ilkinji nobatda hazar düwlenine, bekre we beýleki köpçülikleýin tutulýan balyklara degişlidir.

Hazar deňziniň biologik serişdelerini, ilkinji nobatda hem bekre balyklaryny gorap saklamak döwletara häsiýetli serhetüsti mesele bolmak bilen, ähli hazarýaka ýurtlaryna deň derejede degişlidir. Türkmenistanyň başlangyjy we gönüden göni gurnamagy esasynda Hazaryň biologik serişdelerini gorap saklamak, dikeltmek we durnukly peýdalanmak boýunça Döwletara ylalaşygyň taslamasy taýýarlandy, köp sanly ara alyp maslahatlaşmalardan soň gutarnykly ýagdaýda ylalaşyldy. Bu möhüm resminama hazarýaka döwletleriniň Baştutanlarynyň Astrahan şäherindäki (Russiýa Federasiýasy) 2014-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda bolup geçen dördünji sammitinde seretmäge hödürlendi we oňlanyp, ähli hazarýaka döwletleri tarapyndan gol çekildi.

Nebit we gaz känlerini özleşdirmegiň depgini güýçlendirilýändigine, olaryň daşalýan mukdarynyň artýandygyna garamazdan, täze ýerleri özleşdirmegiň ýa-da olaryň täze gorlarynyň üstüniň açylmagy netijesinde uly möçberlerde dökülen nebit önümleri bilen hapalanmak ýaly gönüden göni düýpli täsiri hasaba alynmady. Galyberse-de, Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň ýörite “Hazarekogözegçilik” gullugy tarapyndan deňiz gurşawynyň ýagdaýyna, şol sanda deňiz suwunyň durnukly organiki hapalaýjy maddalar, nebit önümleri we agyr metallar bilen hapalanmagyna yzygiderli gözegçilik geçirilýär. Täze desgalary gurmak, öňki hereket edýänleriniň durkuny täzelemek boýunça täýýärlänylýän ähli taslamalar hökmany suratda ekologiýa taýdan seljerilýär – daşky gurşawa täsirine baha berilýär.

Howanyň ählumumy şertlerinde biodürlüligi gorap saklamak meselesiniň ýitiligi barha ýiti duýulýar. Janly organizmler hemişe-de howanyň üýtgeýän şertlerine uýgunlaşmaly bolýardylar. Adatça, howanyň, daşky gurşawyň belli bir derejede üýtgäp durmagy ekoulgamlaryň saklanyp galmagyna päsgelçilik döretmeýär,



ýöne soňky wagtlarda şeýle üýtgemeleriň örän çalt depginlerde bolup geçmegi netijesinde organizmler täze şertlere uýgunlaşyp ýa-da has amatly ýerlere süýşüp ýetişmeýärler.

Türkmenistan – biologik dürlüligi howanyň ählumumy üýtgemegine ýokary derejede bagly sebitleriň biri hasaplanýar.

Topraga düşýän ygalyň mukdarynyň azalyp, howanyň temperaturasynyň ýokarlanmagy netijesinde soňky ýyllarda öri meýdanlarynyň hasyllylygynyň peselýändigi anyklandy. Şol bir wagtda hem, soňky birnäçe ýylyň dowamynda ýurduň haýwanat dünýäsiniň görnüş taýdan baýlaşmasy bolup geçýär, howanyň üýtgemegi netijesinde görnüşleriň ýaýrawynyň (areal) çägi üýtgeýär, şonuň netijesinde ýurduň dürli ýerlerinde, aýratyn-da serhetýaka zolaklarynda täze görnüşler peýda bolýar. Şeýle üýtgeşmeleri köp ýyllaryň dowamynda geçirilýän gözegçilikleriň netijesinde aýdyň ýüze çykaryp bolýar, mysal üçin, öňler Türkmenistandan has günortada gyşlaýan çal durna (*Grus grus*), balykçy gyrgy (*Pandion chaliaetus*), şeýle hem çuluklaryň birnäçe görnüşleri ýurduň awifaunasynda täze gyşlaýan görnüşler hökmünde peýda boldular.

Gündogar Hazar sebiti üçin soňky ýyllarda guşlaryň ýaýrawy giňeýän ýa-da tötänden düşen täze görnüşleri: ýaşyryn togan (*Lanius nubicus*), gar girrigi ýa-da gar serçesi (*Montifringilla nivalis*), menekli (*Prunella ocularis*) we alp dag (*P. collaris*), owazçylary, alaja siňekçi (*Ficedula hypoleuca*) ýaly görnüşler hasaba alyndy (Щербина, 2013).

Türkmenistanyň awifaunasy üçin täze görnüşleriň, ýagny aziýa koeliniň *(Eudynamus scolopaceus)*, uzynguýruk pitpitiniň (*Uragus (Carpodacus) sibiricus*), garapetekeli süleçiniň (*Calcarius (Plectrohpenax) lapponicus*), akegin süleçiniň (*Ocyris (Emberiza, Hypocentor) aureolus)* peýda bolandyklaryny bellemeklik möhümdir (Агрызков, Менлиев, Рустамов, 2013; Рустамов, 2013, Щербина, 2013).

Suwuň ätiýaçlyk gorlary, olardan tygşytly peýdalanmak – howanyň üýtgemegine uýgunlaşmakda halk hojalygynyň dürli pudaklary üçin-de, biodürlüligi hem goşmak bilen tebigy ekoulgamlary gorap saklamakda-da aýratyn orny eýeleýär.

Bu babatda Garagum çölüniň merkezinde gurulýan “Altyn asyr” Türkmen köli aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Sebitde iň iri zeý suwlaryny ýygnaýjy suw ýatagy hökmünde Türkmen kölüniň gurulmagy ilkinji nobatda düzlük we çöllük ýerleriň ekologik ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilendir. “Altyn asyr” Türkmen kölüniň özünde-de, oňa barýan akabalarda-da balyklar, suwly-batgalyk ýerlerde ýaşaýan guşlar, süýdemdirijileriň käbir görnüşleri, şeýle hem çygly ýerlerde oňat ösýän ösümlikler peýda boldular we olaryň görnüş dürlüligi barha artýar. Şeýlelikde, “Altyn asyr” Türkmen kölüniň gurulmagy netijesinde, bir tarapdan sebitiň biologik dürlüligi baýlaşsa, ikinji tarapdan olaryň ýşaýşy, özleriniň ýaýrawyny (arealyny) giňeltmek üçin amatly şertler döreýär.

## 2-nji surat. Türkmenistandaky esasy ekoulgam hyzmatlary




## 1.4. Biodürlülik babatda üýtgeşmeleriň ekoulgamlaryň hyzmatlaryna täsiri we olaryň durmuş-ykdysady we medeni netijeleri

Türkmenistan örän gurak we uly aralyklarda üýtgäp durýan kontinental howa şertlerine hem-de fiziki geografiýasyna baglylykda ýnjyk tebigaty bilen tapawutlanýar: bu ýagdaý ýurdy möhüm ekoulgamlaryň hyzmatynyň saklanmagyna, şol sanda suwlaryň toplanmagy we olaryň arassalanmagy, howanyň durnuklaşmagy ýaly hyzmatlara güýçli derejede garaşly bolup durýar. Şeýle hem, Türkmenistan ekoulgam hyzmatlarynyň çölleşme hadysasyna baglylykda zaýalanmagyna durnuksyzdyr, çünki sähra dag ekoulgamlary örän näzikligi, gowşaklygy bilen tapawutlanýar we daşky täsirlere has durumsyzdyrlar. Bu gowşak ekoulgamlaryň zaýalanmagynyň ykdysadyýetde-de, saglygy goraýyşda-da, azyk howpsuzlygynda-da düýpli oňaýsyz netijelere getirmegi mümkin. Şeýle netijeleriň belli bir derejede Sowet Soýuzy döwründe Merkezi Aziýada suwarymly ýerleriň köpçülikleýin we kadaly däl ýagdaýda özleşdirilmegi netijesinde ýüze çykan zyýanly täsiri duýuldy. Türkmenistan üçin suwuň esasy çeşmesi bolan Amyderýanyň aşaky akymlaryna, onuň deltasyna we derýanyň özüne ýetirilen zyýanly täsiriň netijesinde ýerli howa şertleri üýtgedi, azyk önümleriniň öndürilişiniň durnuklylygy peseldi. Bu ýagdaý belli bir derejede sebitde ýaşaýan adamlaryň saglygyna düýpli täsir etdi, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýerli görnüşleriniň belli bir böleginiň ýitip gitmegine hem-de gaýtalanmajak, örän özboluşly ekoulgamlara howpuň abanmagyna sebäp boldy.

Türkmenistanyň ekoulgam hyzmatlarynyň, biologik dürlüliginiň we landşaftlarynyň – uzakmöhletleýin durnukly ösüşiň möhüm düzüm bölegi hökmünde goralyp saklanmagy örän möhümdir, çünki olar geçmişde türkmen halkynyň we onuň medeniýetiniň emele gelmegindäki we saklanyp galmagyndaky hem-de geljekde dowam etmegi üçin ähmiýeti örän ýokarydyr.

Ekoulgam hyzmatlary adamlar üçin iýmit önümleri, suw, öri meýdanlary ýaly gönüden göni peýda getirýän, şeýle hem göni peýda getirmeýän, göze ilmeýän, ýöne möhüm ähmiýetli (meselem, gülleriň tozanlanmagy), şol sanda adamlary tebigy betbagtçylyklardan (mysal üçin, suw joşmasyndan, sil suwlary sebäpli opurylmalardan) goraýan ekoulgam hyzmatlaryny özünde jemleýär.

Türkmenistanda Ýer ýüzüniň beýleki ýurtlary bilen bir hatarda, ekoulgam hyzmatlarynyň goralyp saklanmagynda hem-de durnukly ösüşiň ileri tutulýan ugurlaryny üpjün etmekde uýgunlaşmak, degişli çäreleriň meýilleşdirilmegine we ýerine ýetirilmegine deň derejede goşulyşmak üçin ähli zerur işler amala aşyrylýar. Durnukly ösüşi gazanmak we ýaşaýşa ulyply uzakmöhletleýin geljege ýetmek üçin, aýratyn-da howanyň ähli umumy üýtgemäk hadysasynyň örän tizleşýän ýagdaýynda,

häzirki wagtda biodürlüligiň iş ýüzündäki meseleleriniň hem-de möhüm ekoulgam hyzmatlarynyň saklanmagynyň üpjün edilmegindäki çäreleriň we bu babatdaky syýasatyň ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna girizilmegi örän möhüm bolup durýar.

Biodürlülik hakyndaky konwensiýanyň ekoulgam hyzmatlaryna baha bermek boýunça ählumumy başlangyjynda esasy üns ekoulgam hyzmatlary bilen adamlaryň maddy hal-ýagdaýlarynyň arasyndaky, olaryň üýtgemegi bilen tutuş adamzadyň ösüşiniň arasyndaky arabaglanşyga berilýär, özem, anyk ýerdäki bilodürlüligiň üýtgemeginiň adamlaryň hal-ýagdaýyna edýän täsiri aýratyn nygtalýar. Ekoulgamlary dolandyrmaklygy kämilleşdirmek we degişlilikde olaryň adamlaryň hal-ýagdaýyny gowulandyrmakdaky, mätäçligi aradan aýyrmakdaky goşandyny artdyrmak üçin, bu babatdaky syýasatyň ýerli, milli we ählumumy derejede kesgitlenmegi örän wajypdyr.

Her bir raýatyň jemgyýetiň kiçijik bölejigi bolan maşgalanyň maddy hal-ýagdaýy köp halatlarda janly tebigatyň ýagdaýyna baglydyna düşünmegi möhümdir. Şu nukdaý nazardan, tebigatyň her bir ülüşiniň goralyp saklanmagyna goşmaça girdeji almagyň ýoly hökmünde seretmek bolar. Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň BMG-yň Ösüş maksatnamasy we Bütindünýä ekologik gaznasy bilen bilelikde ýerine ýetirýän “Biodürlülik boýunça konwensiýanyň ýerine ýetirilmegine ýardam bermekde milli biodürlüligi meýilnamalaşdyrmak. Türkmenistanyň 2011-2020-nji ýyllar üçin strategiki meýilnamasy” (2013-2015 ýý.) taslamasynyň çäginde degişli ministrlikleriň we pudak edralarynyň hünärmenleriniň gatnaşmagynda ekoulgam hyzmatlaryny kesgitlemek boýunça okuw maslahatlary geçirildi.

Okuw maslahatlarynyň dowamynda ekoulgam hyzmatlarynyň iň gymmatlysy (möhümi) öri meýdanlary diýlip kesgitlenildi (2-nji surat). Öri meýdanlarynyň gymmatlygy tebigat tarapyndan berilýän ekoulgam hyzmatlarynyň umumy gymmatlygynyň 64%-ni tutýar. Beýleki möhüm ekoulgam hyzmatlaryna ekin meýdanlaryny suwarmak üçin suwuň (23,55%), agyz suwunyň berilmegi (5,75%), ýurduň goraghanalary tarapyndan ýaşaýyş ýerleriniň gollanmagy (7,16%) degişli edildi. Galyberse-de, ekoulgam hyzmatlarynyň soňky görnüşi kesgitlenende derýalaryň suw toplaýan basseýnleriniň goralyp saklanmagy, gülleriň tozanlanmagy, öri meýdanlary we medeni ösümlikleriň ýabany kowumlaryny gorap sakalamak ýaly ykdysady taýdan möhüm bolan hyzmatlar boýunça ähmiýeti göz öňünde tutulmady. Elbetde, bu sanalyp geçilen hyzmatlar goraghanalaryň tebigaty gorap saklamakdaky ähmiýetini has-da artdyrar.

Etrek derýasynyň aşaky akymlarynda balyklaryň işbil taşlamaklaryna degişli şertleriň bolmazlygy hem-de onuň ýerini tutup biljek alternatiw durmuş infrastrukturasynyň ýetmezçiligi ýerli ilatyň maddy hal-ýagdaýyna özüniň ýaramaz täsirini ýetirdi. Soňky ýyllarda Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna laýyklykda Günorta-Günbatar Türkmenistanda köp sanly desgalar, şol sanda nebit-gaz pudagyna degişli desgalar bilen bir hatarda tutuş sebit üçin ägirt ähmiýeti bolan “Demirgazyk-Günorta” demirýolunyň gurulmagy netijesinde täze iş ýerleri döredildi. Hazar ekologik maksatnamasy boýunça ýerine ýetirilen taslamanyň çäklerinde işlenip düzülen we durmuşa geçirilen kiçi grantlar maksatnamasy ýerli birleşiklere ýaşaýşyň alternatiw we durnukly çeşmelerini ösdürmäge mümkinçilik berdi. Şeýle çeşmeleriň biri hökmünde Etrek etrabynda zeýtun ýagyny almak boýunça önümçiligi gurnaldy. Emma Etrek derýasynyň düýpden suwsyz galmagy netijesinde (derýanyň ähli suwy onuň ýokarky akymynda, goňşy Eýranda alynýar we Türkmenistanyň çägine gelmeýär) zeýtun agajyny ösdürip ýetişdirmekde kynçylyklar döreýär.

Suw ýetmezçiligi oba ilatynyň maddy hal-ýagdaýyna has düýpli täsir edýär, çünki ýurtdaky ähli iri derýalaryň (Amyderýa, Murgap, Tejen, Etrek) gözbaşy Türkmenistanyň çäginden daşarda ýerleşýär we sebitdäki beýleki ýurtlar bilen deňeşdirilende suwuň ýetmezçiligi bu ýerde has güýçli duýulýar.

Barha güýçlenýän çölleşme hadysasy daşky gurşawyň ýagdaýyna ýaramaz täsir edýär, öri meýdanlarynyň önümliligi pese gaçýar. Öri meýdanlarynyň ekoulgam hyzmatlary diňe bir maldarçylyga däl-de (ýurduň ykdysadyýetiniň esasy pudaklaryndan biri bolsa-da), eýsem ilatyň oba hojalyk önümleri bilen özüni üpjün etmeginde, bejeriş-dynç alyş işewürligini, dermançylyk, azyk zenagatlaryny ösdürmekde ähmiýeti örän uludyr.

# Biodürlüligi gorap saklamak boýunça milli strategiýa we hereketleriň meýilnamasy, olaryň durmuşa geçirilişi we biodürlülik tematikasynyň göz öňünde tutulyşynyň üpjün edilişi

## 2.1. Biodürlülik babatda milli maksatlaýyn wezipeler

Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi BMG-yň Ösüş maksatnamasy bilen bilelikde "Türkmenistanda biologik dürlüligi gorap saklamagyň baş ugry we hereketleriň meýilnamasyny" (BGBUHM) işläp düzdi we 2002-nji ýylda çap etdi. BGBUHM – uzakmöhletleýin meýilleşdirmegiň resminamasy hökmünde Türkmenistanyň biodürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanmak babatyndaky syýasatynda has möhüm düzgünleri, ileri tutulýan esasy ugurlary kesgitledi. Baş ugur ýa-da strategiýa biodürlüligi gorap saklamak babatda kanunçylyk binýadyny berkitmekde, degişli institutlary we işgärleriň mümkinçiliklerini ösdürmekde möhüm gural bolup durýar. Strategiýanyň esasynda biodürlüligi gorap saklamak boýunça 2002-2010-njy ýyllar üçin niýetlenen anyk çäreleriň toplumy – Hereketleriň meýilnamasy işlenip düzüldi.

BGBUHM-da baş maksat – *Türkmenistanyň biodürlüligini şu günki we geljekki nesiller üçin gorap saklamak, gaýtadan dikeltmek we tygşytly peýdalanmakdyr* diýlip kesgitlenen. Konwensiýanyň Taraplarynyň Maslahatlarynda we Sekretariaty tarapyndan kabul edilen çözgütlere laýyklykda 12 sany milli esasy maksatlar kesgitlenildi:

**1.** 2005-nji ýyla çenli biodürlüligi gorap saklamak boýunça ähli derejelerdäki hökümet maksatnamalarynyň çärelerini meýilnamalaşdyrmagyň birleşdirilmegini gazanmak.

**2.** Tebigata degişli kanunlara täzeden seredip we üstünde işläp, kanunçylykda ýetmezçiligiň bolmagyny aradan aýyrmak üçin 2006-njy ýylyň ahyryna çenli Biodürlülik hakyndaky konwensiýa laýyk getirmek.

**3.** 2007-nji ýylyň ahyryna çenli tebigaty goramak kanunçylygyna täzeden seretmegiň we kämilleşdirmegiň esasynda daşky gurşawyň hapalanmagynyň derejesini 20% aşaklatmak.

**4.** 2010-njy ýylyň ahyryna çenli tebigy landşaftlaryň zaýalanmagyny bu landşaftlaryň eýeleýän çäkleriniň 30%-inde togtatmak.

**5.** Tokaý giňişlikleriniň häzirki zaman ýagdaýyny gorap saklamak we 2010-njy ýylyň ahyryna çenli olaryň meýdanynyň 5%-ni gaýtadan dikeltmek.

**6.** 2007-nji ýylyň ahyryna çenli ilatyň biodürlüligiň ähmiýeti hakyndaky habarlylygyny 50% gowulandyrmak we olaryň ekologik bilimleriniň derejesini 10% ýokarlandyrmak.

**7.** 2008-nji ýylyň ahyryna çenli goralýan çäkleriniň ulgamyny 6%-e çenli giňeltmek we olaryň netijeli dolandyrylmagyny üpjün etmek.

**8.** 2008-nji ýylyň ahyryna çenli oba hojalygyndaky biodürlüligi we tebigy ýaşalýan ýerlerden daşary (*ex-situ*) tebigy genetik gaznany 30% gowulandyrmak.

**9.** 2010-njy ýylyň ahyryna çenli biodürlüligi gorap saklamakda ýerli ilatyň gyzyklandyrylmagynyň derejesini ýokary götermek üçin ykdysady höweslendirmek usullaryny işläp taýýarlamak we durmuşa ornaşdyrmak.

**10.** BGBUHM taslamalaryny olaryň ýerine ýetirilmeginiň bütin dowamynda içerki we daşarky goýumlar bilen üpjün etmek.

**11.** 2010-njy ýylyň ahyryna çenli biodürlüligiň meseleleri bilen meşgullanýan edaralaryň ylmy mümkinçiligini goldamak üçin maýa goýumlaryny 30% artdyrmak.

**12.** 2006-njy ýyla çenli biologik baýlyklary çakdanaşa ulanmagy azaltmak üçin biologik baýlyklary dolandyrmagyň meýilnamasyny işläp taýýarlamak we onuň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek.

BGBUHM-da goýlan maksatlar toplumlaýyn häsiýetde bolup, olara ýetmeklik üçin biodürlüligi gorap saklamak, dikeltmek we durnukly peýdalanmak boýunça gönüden göni çäreleri özünde jemleýän 14 sany esasy maksatlaýyn wezipeleriň/

ülüşleriň çözülmegi bellenen.

BGBUHM-yň çäklerinde öňde goýlan 14 sany strategik möhüm, maksatlaýyn wezipeleriň/ülüşleriň çözülmekligine gönükdirilen 55 sany hereketler hem-de 253 sany çäreler meýilleşdirilip, olar baş maksada hem-de 12 sany esasy maksatlara nähili we haýsy ýollar bilen ýetip boljakdygyny görkezýärler. Maksatlara ýetmekligiň görkezijisi (indikatory) hökmünde "netije" ulanylan. Meýilleşdirilen hereketler we çäreler Biodürlülik hakynda konwensiýanyň düzgünleri we talaplary bilen gönüden göni ýa-da gytaklaýyn baglanyşykly, her bir maksatlaýyn wezipe konwensiýanyň degişli maddasyna laýyklykda kesgitlenen we pudak derejesinde anyk maksatnamalary durmuşa geçirmeklige gönükdirilen.

## 2.2. "Aiti" maksatlaýyn wezipelerini girizmek üçin biodürlüligi gorap saklamak boýunça strategiýanyň we hereketleriň meýilnamasynyň täzelenmegi

Uzakmöhletleýin geljegi nazarlaýan, aýratyn-da howanyň üýtgemek hadysasynyň çaltlaşýan, ilatyň sanynyň we tebigy baýlyklaryň harçlanyşynyň artýan şertlerinde, durnukly ösüşe ýetmekde milli bähbitleriň hem göz öňünde tutulmagy üçin, biodürlüligi iş ýüzünde gorap saklamagyň hem-de möhüm ekoulgam hyzmatlarynyň gollanylmagynyň gaýragoýulmasyz meselelerini göz öňünde tutýan syýasatyň we hereketleriň ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna ornaşdyrylmagy iň wajyp çäreleriň biri bolup durýar.

Şol sebäplere görä, Türkmenistanyň Hökümeti biodürlülik boýunça Milli strategiýany we hereketleriň meýilnamasyny işläp taýýarlady we durmuşa geçirýär. Milli strategiýa häzirki wagtda ýurtda biodürlülige täsir edýän ähli sebäpleri göz öňünde tutmak bilen, 2025-nji ýyla çenli ykdysady ösüş bilen ekoulgamlaryň üznüksiz dowam etmekleriniň arasynda durnukly deňagramlylygyň gazanylmagyny maksat edip goýýar.

Täzelenýän Milli strategiýany we hereketleriň meýilnamasyny taýýarlamak häzirki wagtda Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň BMG-nyň Ösüş maksatnamasy we Bütindünýä ekologik gaznasy bilen bilelikde ýerine ýetirýän "*Biodürlülik boýunça konwensiýanyň ýerine ýetirilmegine ýardam bermekde milli biodürlüligi meýilnamalaşdyrmak. Türkmenistanyň 2011-2020-nji ýyllar üçin strategiki meýilnamasy*" (2013-2015 ýý.) taslamasynyň çäklerinde alnyp barylýar.

Ikinji Milli strategiýa 5 sany strategik maksatlar boýunça taýýarlanyldy, ol maksatlar Ähli umumy strategik meýilnamanyň talaplaryna laýyk gelýärler, şol bir wagtda hem olar Türkmenistanyň ewolýusion nukdaý nazardan we milli aýratynlyklaryna laýyklykda anyk wezipeleri çözmeklige gönükdirilendir. Bu 5 maksatlaryň çäginde umuman 13 sany esasy meseleler bellenilip, olar 2025-nji ýyla çenli ýerine ýetirilmegi bellenen. Ol wezipeler Biodürlülik boýunça "Aýti" ähli umumy satrategiýanyň maksatlaryna esaslanandyr, ýöne Türkmenistanda biodürlüligi gorap saklamagyň ösüş we ileri tutulýan ugurlar bilen baglylykda anyk meselelerini çözmek üçin milli talaplara uýgunlaşdyrylandyr. Hususan-da, ol wezipeler esasan biodürlüligi gorap saklamak we ekoulgamlary goldamak ýa-da ykdysadyýetiň möhüm pudaklarynda dikeltmek hem-de ekoulgamlaryň we biodürlüligiň gymmatlyklaryny ykdysady taýdan meýilleşdimeklige has işjeň goşmak meseleleri bilen baglanyşyklydyr.

Biodürlülige howp salýan sebäpleri azaltmaklyga gönükdirilen 4 sany ileri tutulýan ugurlar kesgitlenildi, ýagny: i. Hereket edýän degişli kanunçylykdaky we biodürlüligi peýdalanmaklygy kadalaşdyrmakdaky ýetmezçilikler, ii. Ekoulgam hyzmatlaryna bagly bolan pudaklaryň ol ekoulgamlaryň hem-de genetiki gaznanyň saklanyp galmagyny üpjün etmek maksady bilen, tebigy baýlyklary peýdalanmaklaryndaky (meselem, öri meýdanlarynyň, tokaýlaryň suw baýlyklarynyň peýdalanylmagy we şuňa meňzeşler) durnuklylygyny berkitmegiň zerurlygy, iii. Senagat pudaklary tarapyndan (husasan-da, nebit-gaz ulgamynda) biodürlülige we ekoulgam hyzmatlaryna ýaramaz täsiriň azaldylmagynyň ýa-da şeýle täsirden saklanmagyň zerurdygyna doly düşünmezlik, we, iv. Häkimiýetiň we jemgyýetiň ähli gatlaklarynda biodürlüligiň hem-de ekoulgam hyzmatlarynyň möhümligi we ykdysady gymmatlygy barada ýeterlik derejede habarly bolmazlyklary hem-de doly düşünmezlikleri.

Bu ileri tutulýan ugurlardaky meseleleri çözmek üçin 5 sany strategik maksatlar we 13 sany milli meseleler kesgitlenildi, ýagny:

### 1-nji maksat. Biodürlülik bilen bagly tebigaty goramak kanunçylygynyň ýerine ýetilişine gözegçiligi güýçlendirmek

*1-nji wezipe:* 2020-nji ýyla çenli Türkmenistanyň tebigaty goramak babatda kanunçylygynyň ähli talaplaryny göz öňünde tutýan kanunçylyk namalary (şol sanda düzgünler we kadalar) täzelener;

*2-nji wezipe*: 2020-nji ýyla çenli biodürlüligiň goralyp saklanmagyny üpjün etmek üçin material-tehniki binýadyň we tejribe alyşmagyň guramaçylyk düzümi, şeýle hem kanunçylyk boýunça pudagara gatnaşyklar gowulanar.

### 2-nji maksat. Adam täsiri astyndaky ýaşaýyş ýerleriniň (öri meýdanlary, sürüm ýerleri, suw ýataklary, tokaýlar, awlaglar) we biodürlüligiň durnukly peýdalanylmagy

*3-nji wezipe*: 2020-nji ýyla çenli Türkmenistanda tebigy öri meýdanlaryny durnukly dolandyrmak boýunça uzakmöhletleýin maksatnamany işläp taýýarlamak we kabul etmek;

*4-nji wezipe*: 2020-nji ýyla çenli Türkmenistanda tokaý hojalygyny ösdürmekligiň

esasy düzgünlerini durmuşa geçirmek;

*5-nji wezipe*: 2020-nji ýyla çenli biodürlüligiň meselelerini degişlilikde göz öňünde tutýan Türkmenistanyň suw serişdlerini (baýlyklaryny) tygşytly peýdalanmak boýunça maksatnamany işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmäge girişmek;

*6-njy wezipe*: 2020-nji ýyla çenli suw we biologik serişdeleri (baýlyklary) rejeli peýdalanmaklygy işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmäge girişmek;

*7-nji wezipe*: 2020-nji ýyla çenli Türkmenistanda haýwanlaryň awlanylýan görnüşlerinden peýdalanmagyň ylmy taýdan esaslandyrylan ulgamyny işläp düzmek we durmuşa ornaşdyrmak.

**3-nji maksat. Senagatyň gazyp alynýan pudagyny ösdürmekde ykdysadyýet bilen biodürlüligiň arasyndaky deňagramlylygy saklamak**

*8-nji wezipe*: 2017-nji ýyla çenli gazyp alynýan pudaklardaky daşky gurşawa täsire baha bermekligiň we ekologiýa taýdan dolandyrmagyň çäklerinde gözegçiligi güýçlendirmek we biodürlüliligi gorap saklamak boýunça kadalaşdyryjy-hukuk namalarynyň binýadynyň gowulandyrylmagy;

*9-njy wezipe:* 2017-nji ýyla çenli ykdysadyýetiň biodürlülige güýçli derejede täsir edýän pudaklaryndan alynýan girdejileriň hasabyna biodürlüligi gorap saklamaklygy maliýeleşdirmegiň uzulyny işläp düzmek we durmuşa ornaşdyrmak.

**4-nji maksat. Tebigatyň goraglylygyny we biodürlülikden alynýan durmuş-ykdysady peýdany ýokarlandyrmak üçin goralýan tebigy ýerleri ösdürmek**

*10-njy wezipe:* 2020-nji ýyla çenli goralýan tebigy ýerleriň ulgamyny dolandyrmagyň netijeliligi has ýokarlandyrylar;

*11-nji wezipe*: 2030-njy ýyla çenli ýitmek howpy astyndaky görnüşleriň 95%-ni öz içine alýan we möhüm ekologik wezipeleri (suw ýataklaryny goramak, topragyň zaýalanmagyna garşy göreş, çölleşmegiň öňüni almak we başg.) üpjün edýän goralýan tebigy ýerleriň, şol sanda milli tebigy seýilgähleriň, tebigat ýadygärlikleriniň, tebigy çäkli goraghanalaryň meýdanyny 10-12% giňeltmek;

*12-nji wezipe*: 2020-nji ýyla goralýan tebigy ýerleriň ulgamy durmuş-ykdysady taýdan kesgitli, şol sanda ekologik syýahatçylyk we ekoulgam hyzmatlary bilen baglylykda dürli peýdalary getirýär.

**5-nji maksat. Biodürlüligiň hem-de ekoulgam hyzmatlaryň möhümligi we artykmaçlyklary bilen bagly meselelere düşünmeklik we habarly bolmaklyk**

*13-nji wezipe*: 2020-nji ýyla çenli jemgyýetçiligiň, şol sanda çözgütleri kabul edýän wezipeli adamlaryň biodürlüligiň we ekoulgam hyzmatlarynyň möhüm ähmiýeti (pul görnüşinde aňladylan) barada habarlylygyny ýokarlandyrmak.

## 2.3. Konwensiýany durmuşa geçirmek boýunça milli çäreleriň amala aşyrylyşy

Aýtide (Ýaponiýa) kabul edilen Ählumumy strategik meýilnamanyň talaplaryny göz öňünde tutýan täzelenen Milli strategiýanyň we hereketleriň meýilnamasynyň Türkmenistanda häzirki wagtda işlenip taýýarlanylýandygy sebäpli, Biodürlülik hakyndaky konwensiýanyň talaplaryny ýerine ýetirmek bilen baglylykda milli çäreleriň durmuşa geçirilişine syn 2002-nji ýylda işlenip taýýarlanan BGBUHM boýunça ýerine ýetirildi.

Milli BGBUHM, döwlet resminamasy hökmünde Türkmenistanyň BMG-nyň daşky gurşaw baradaky konwensiýalaryndan we maksatnamalaryndan gelip çykýan borçlarynyň ýerine ýetirilişini üpjün etmek boýunça Döwlet topary tarapyndan tassyklandy. Emma bu resminama döwlet Baştutany tarapyndan tassyklanmady we halk hojalygynyň pudaklary tarapyndan ýerine ýetirmeklik üçin kabul edilmedi, bu bolsa resminamada bellenen çäreleriň durmuşa geçirilişinde aýdyň duýuldy.

Milli strategik meýilnamanyň 2002-2010-njy ýyllarda we ondan soňky döwürde ýerine ýetirilişine geçirilen seljerme ýurtda esasan görnüşleri gorap saklamaga hem-de olardan durnukly peýdalanmak meselesine has köpräk, işgärleri okutmak, olaryň hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmak, şeýle hem meýilnamanyň ýerine ýetirilişine gözegçilige az derejede üns berilendigini görkezdi. Aşakda meýilnamanyň dürli bölekleri boýunça çäreleriň ýerine ýetirilişine seljerme berilýär:

***A. Görnüşleri in-situ gorap saklamak.*** *Bu çemeleşme görnüşleri olaryň tebigy ýaşaýan ýerlerinde goralyp saklanmagy has möhüm diýip hasap edýär we toplanmalaryň we ekoulgamlaryň goraghanalaryň içinde-de, olaryň daşynda-da goldanylmagynyň möhümdigini belleýär.*

Bu wezipe Biodürlülik hakynda konwensiýanyň (BDK) 8-nji maddasyna gabat gelýär, BGBUHM-yň çäklerinde goralýan tebigy ýerleriň ulgamyny kämilleşdirmegiň, haýwanlaryň we ösümlikleriň seýrek duşýan hem-de ýitmek howpy abanýan görnüşlerini gorap saklamagyň, göçýän görnüşleriň göçüş ýollaryny (koridorlaryny) goramagyň meselelerini öz içine alýar. Bu wezipäni ýerine ýetirmek üçin meýilleşdirilen 8 hereketleriň 4-si (50%) we 44 sany çäreleriň hem 7-si, käbirleri bolsa kem-käsleýin ýerine ýetirilen.

***B. Görnüşleri ex-situ gorap saklamak.*** *Görnüşleri olaryň tebigy ýaşaýan ýerleriniň daşynda gorap saklamaklyk in-situ gorap saklamaklyga goldaw hömkünde, başgaça aýdylanda bu çemeleşmä gerekli ýere gaýtadan ornaşdyrmak maksady bilen genetiki baýlyklaryň goraglylygyny üpjün edýän ätiýaçlyk tory hökmünde serdilýär.*

BDK-yň 9-njy maddasyna laýyk gelýär, BGBUHM 6 sany hereketleri we 18 sany çäreleri özünde jemleýär. Tohum gaznalary, Botanika bagyndaky we Magtymgulydaky ylmy-önümçilik synag merkezindäki kolleksiýalar, Janly tebigatyň milli muzeýiniň açylmagy, Aýtatyn goralýan tebigy ýerleriň ulgamyndaky malhanalaryň/guşhanalaryň işiniň kämilleşdirilmegi görnüşleriň *ex-situ* goralyp saklanmagyna oňat täsir etdi. Meýilleşdirilen 6 hereketiň 4-si (66,6%), 18 sany çäreleriň hem 2-si (11,1%) ýerine ýetirilen.

***C. Biologik we landşaft dürlüliginiň durnukly peýdalanylmagy.*** *Bu çemeleşme biodürlüligi Ýer ýüzünde ýaşaýşyň çeşmesi hökmünde möhümligini hem-de adamalryň ýerli we beýleki bileleşikleriniň biodürlülige garaşlydygyny ykrar edýär. Durnukly peýdalanmak – bu biodürlüligiň goralyp saklanmagy bilen ýerli ilatyň oňa bolan isleginiň arabaglanyşygyny kesgitleýän mehanizm bolup, ilatyň islegini kanagatlandyrmak bilen bir hatarda tebigy baýlyklaryň gymmatyny we olary gorap saklamagyň zerurlygyny ýokarlandyrýar. Bu konsepsiýa aýratyn goralýan tebigy ýerlerden daşda in-situ gorap saklamagyň möhüm guralydyr we höweslendirmek çäreleriniň ösüşi bilen berk baglanyşyklydyr.*

BDK-nyň 6-njy (gorap saklamak we durnukly peýdalanmak boýunça umumy çäreler) we 10-njy (biodürlüligiň ülüşlerinden durnukly peýdalanmak) maddalaryna gabat gelýär we 5 sany hereketler bilen 23 sany çärelerden durýar. Geçen döwürde hereketleriň 1-i (20%) we ýerleri tokaýlaşdyrmak hem-de tokaý baýlyklaryndan durnukly peýdalanmak boýunça meýilleşdirilen çäreleriň hem 2-si (8,7%) ýerine ýetirilen.

***D. Institusional mümkinçilikleri ösdürmek we okatmak.*** *Institusional üýtgeşmeler bilen bagly islendik hereketleriň amala aşyrylmagy artdyrmak ýa-da täzeçillik bilen bagly çäreleri goldamak maksady bilen, şahsyýetleriň we edaralaryň mümkinçiliklerini döretmegiň ugurdaş hereketlerine esaslanýar.*

BGBUHM-iň bu ülüşi mazmuny boýunça belli bir derejede BDK-nyň 12-nji maddasyna (barlaglar/gözlegler we işgärleri taýýarlamak) gabat gelýär. Onuň çäklerinde meýilleşdirilen 3 sany hereketleriň 2-si (66,7%), 12 sany çäreleriň hem 3-si (25%) ýerine ýetirilen. Bu ülüşiň çäklerinde göz öňünde tutulan çäreler onuň ady bilen doly gabat gelmeýär.

***E. Ekologik bilim we jemgyýetçiligiň gatnaşmagy.*** *Biodürlüligi gorap saklamak bilen bagly işler ilat tarapyndan doly düşünilen we goldanan ýagdaýynda üstünlikli we durnukly bolar. Jemgyýetçiligiň habarlylygy goralýan tebigy ýerleriň daşynda amala aşyrylýan gorag işleriniň esasyny düzýär, ekologik bilim bolsa halk köpçüligini bu işlere çekmäge ýardam edýär.*

Bu esasy wezipeleriň bir bolmak bilen, BDK-nyň 13-nji maddasyna (bilim we jemgyýetçiligiň habarlylygyny ýokarlandyrmak) laýyk gelýär we onuň çäklerinde meýilleşdirilen 6 sany hereketleriň 4-si (66,7%), 32 sany çäreleriň hem 18,8%-i ýerine ýetirilen. Biodürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanmak babatda çözgütleri kabul edýän wezipeli adamlaryň, döwlet edaralarynyň, beýleki guramalaryň we adamlaryň ekologik bilimliliginiň, habarlylygynyň derejesi ýokarlanýar. Işgärleri taýýarlamagyň ähli tapgyrlarynda olaryň ekologik biliminiň yzygiderli ýokarlandyrylmagy hökmany şertleriň biridir. Okuw prosesi köptapgyrlaýyn bolmak bilen, mekdebe çenli edaralardan başlap ekologik bilim we terbiýe bermegiň üznüksiz maksatnamasynyň işlenip düzülmegini we kämilleşdirilmegini göz öňünde tutýar. Tebigaty goramak ministrligi bilen Bilim ministrliginiň arasynda ekologik bilimi ýokarlandyrmak boýunça pudagara hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilmegi has maksadalaýyk bolup durýar.

***F. Kesgitlemek/identifikasiýa we gözegçilik (monitoring).*** *Islendik meýilnama üçin täze ýa-da üýtgedilen çäreleriň täsirlerine baha berilmegi örän möhümdir. Şu meýilnamanyň maksadynyň biodürlüligiň goralyp saklanmagydygy sebäpli, onuň täsirine baha bermek üçin görnüşlere we ekoulgamlara uzakmöhletleýin gözegçiligiň alnyp barylmagy möhümdir.*

BGBUHM-iň bu ülüşi 4 sany hereketler we 26 sany çäreler bilen BDK-nyň 7-nji maddasyna (kesgitlemek, ýöne identifikasiýa däl) gabat gelýär. Hereketleriň 2-si (50%), çäreleriň hem 2-si (7,7%) ýerine ýetirilen. Bu ülüşe berilýän düşündirme onuň anyk kesgitlemesine doly gabat gelmeýär.

***G. Barlaglar/gözlegler.*** *Biodürlüligi gorap saklamak bilen bagly işleri netijeli dolandyrmak üçin, kabul edilýän çözgütler (ýagny in-situ gorap saklamak we gözegçilik ýaly) iň ygtybarly we doly derejedäki maglumatlara esaslanmalydyrlar. Çylşyrymly biologik ulgam tebigaty goramak bilen bagly zerurlyklara has oňat düşünmek we eger gerek bolsa ony dolandyrmak işini üýtgedip gurmak üçin hemişe barlaglaryň/gözlegleriň geçirilip durulmagyny talap edýär.*

Bu ülüşiň kesgitlemesi doly derejede bolmasa-da az-kem BDK-nyň 12-nji maddasyna (barlaglar/gözlegler we işgärleri taýýarlamak) gabat gelýär, ýöne, onda işgärleri taýýarlamak meselesine seredilmeýär. Bu ülüşdäki meseleleri çözmek üçin 4 sany hereketler bilen 19 sany çäreler bellenen. Düzümine 13 sany ylmy-barlag institutlary (şol sanda tebigy ylymlar boýunça) girýän Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň gaýtadan açylmagy bilen baglylykda ylmy barlaglary ösdürmek, biodürlüligiň goragyny we durnukly peýdalanylyşyny gurnamak, ony kesgitlemek, öwrenmek, ýagdaýyna baha bermek we gözegçilik işlerini alyp barmak üçin oňat şertler döredi. Türkmenistanda biologiýa, taksonomiýa, ekologiýa, tokaý hojlygyny alyp barmak, geografiýa we beleki ugurlar boýunça hünärmenler bar. BGBUHM-iň bu ülüşinde meýilleşdirilen hereketleriň 1-i (25%) we çäreleriň hem 4-si (21%) ýerine ýetirilen.

***H. Maglumatlary alyşmak we olaryň elýeterliligi.*** *Işleriň netijeli bolmagy üçin biodürlülik we olara täsir edýän ýagdaýlar baradaky maglumatlaryň halk köpçüligi üçin*

*elýeterli bolmagy örän möhüm. Bu şol bir mesele boýunça kabul edilýän çözgütleriň gaýtalanmazlygyny we ygtybarly maglumatlar esasynda dogry netijäniň çykarylmagyny kepillendirýär, şol bir wagtda hem, biodürlüligi gorap saklamakdaky geçirilýän işleriň aç-açanlygyny üpjün edýär. Maglumatlary alyşmak ähli derejelerde hem (ýerli, milli, sebitleýin we halkara) geçirilip bilner.*

BDK-nyň 17-nji maddasyna (maglumatlary alyşmak) gabat gelýär we 3 sany hereketlerden we 10 sany çärelerden durýar. Degişli saýtlaryň döredilmegi arkaly biodürlüligi gorap saklamak babatda döwlet edaralarynyň (ministrlikler, pudak edaralary, gulluklar, agentlikler), ylmy-barlag edaralarynyň, şol sanda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň institutlarynyň, jemgyýetçilik birleşmeleriniň arasynda maglumatlary alyşmagyň ulgamy kämilleşdirilýär. Seljermelere laýyklykda BGBUHM-iň bu ülüşindäki hereketler 33%, çäreler hem 20% (ýagny 2 çäre) ýerine ýetirilen.

***I. Hyzmatdaşlyk (tehniki, ylmy, tehnologiýalaryň döwletara berilmegi/geçirilmegi).*** *Biodürlülik üçin, jemgyýetde ýa-da beýleki bileleşiklerde bolsun, döwletara bolsun, hiç hili araçäk-serhet ýok. Biodürüliligi gorap saklamagyň netijeliligi dürs aragatnaşyklar we jebis hyzmatdaşlyk bilen kesgitlenýär. Şeýle ýagdaýda biologik baýlyklardan adalatly we dogry peýdalanmaklyk üpjün edilýär. Galyberse-de, serhetýaka döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlyk umumy maksada ýetmäge – biologik baýlyklaryň dünýä boýunça goralyp saklanmagyna ýardam edýär.* Bu ülüşiň düşündirmesi manysyna doly gabat gelmeýär.

BDK-nyň 18-nji maddasyna (ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk) gabat gelýär we özünde hereketleri 2-sini hem-de çäreleriň 13-sini jemleýär. Sebitara we halkara derejede hyzmatdaşlyk ösdürilýär. BGBUHM-iň bu ülüşindäki göz öňünde tutulan hereketleriň we çäreleriň hersinden 1-i (degişlilikde 50 we 7,7%) ýerine ýetirilen.

***J. Täsirlere baha bermek*** *– biodülüligi gorap saklamak boýunça amala aşyrylýan çäreleriň netijeliligini gözegçilikde saklamagyň möhüm usullaryndan biridir. Işleriň dürs meýilleşdirilmegi biodürlülige edýän ýaramaz täsirleri azaltmaga garşy degerli çäreliriň işlenip düzülmegine ýardam edýär. Şeýle hem, täsirlere baha bermeklik höweslendirmek we öňüni alyş çärelerini işläp düzmek üçin oňat esas bolup durýar.*

BDK-nyň 14-nji maddasyna (täsirlere baha bermek we ýaramaz täsirleri azaltmak) laýyk gelýär, hereketleriň 2-sinden we çäreleriň 8-sinden durýar. Ýurt boýunça gurulýan ýa-da durky täzelenýän desgalar taslamalaşdyrylýan döwründe ekologik seljermeden geçirilýär we daşky gurşawa, şol sanda biodürlülige täsirine baha berilýär. Biodürlülige edýän ýaramaz täsiri azaltmaklyga gönükdirilen hereketleriň 1-i (50%) we çäreleriň hem 2-si (25%) ýerine ýetirilen.

***K. Höweslendirmek çäreleri.*** *Biodürlüligiň ýitirilmegine düýpli täsir edýän ýagdaýlaryň biri – tebigy baýlyklary peýdalanmak bilen baglylykda ykdysady taýdan berilýän bahanyň bolmazlygydyr. Höweslendirmegiň ykdysady we duýduryş çäreleri tebigy baýlyklaryň hakyky gymmatyny kesgitlemäge we netijede olaryň goralyp saklanmagyna oňat täsir edýän çäreleriň durmuşa geçirilmegine ýardam edýär.*

BDK-nyň 11-nji maddasyna (höweslendirmek çäreleri) laýyk gelýär. Hereketleriň 3-sini we çäreleriň hem 9-syny özünde jemläp, degişlilikde 33 we 22,2%-i ýerine ýetirilen.

***L. Kanunçylyk.*** *Biodürlüligi gorap saklamaga gönükdirilen islendik hereketler ilkinji nobatda degişli kanunlar tarapyndan goldanylmalydyr. Kanunçylyk çäreleri beýleki strategik ülüşleriň çägidäki (şol sanda höweslendirmegi hem goşmak bilen) hereketleriň täsirini büýçlendirýär. Käbir ýagdaýlarda meýilleşdirilýän çäreleriň netijeli goldawyny üpjün etmek maksady bilen, hereket edýän kanunçylyga gaýtadan seretmek ýa-da kämilleşdirmek zerur bolup durýar.*

BGBUHM-iň Kanunçylyk ülüşi BDK-nyň ähli maddalarynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär we 3 sany hereketlerden we 14 sany çärelerden durýar. Meýilleşdirilen herektleriň ählisi (100%), çäreleriň hem 6-sy (42,3%) amala aşyrylan.

***M. Maliýeleşdirmek.*** *Meýilnamanyň we onuň strategik ülüşleriniň ýerine ýetirilmegi maliýe goldawyny talap edýär. Şeýle maliýe goldawynyň, hereket edýän mehanizmlere seljerme bermek bolsun, ýa-da gorap saklamak üçin täze serişdeler bolsun, islendik meselede göz öňünde tutulmagy zerurdyr.*

Hereketleriň 3-si we çäreleriň hem 13si bilen, BGBUHM-yň bu ülüşi BDK-nyň 20-nji we 21-nji maddalaryna (maliýe serişdeleri we maliýeleşdirmegiň mehanizmi) laýyk gelýär. Meýilnamanyň ýerine ýetirilmegi büjet serişdeleriniň, şeýle hem halkara hemaýatkärleriň/donorlaryň grantlarynyň hasabyna ýerine ýetirilýär. Hereketleriň 2-si (66,7%), çäreleriň hem 2-si (14,4%) amala aşyrylan.

***N. BGBUHM-ny utgaşdyrmak we gözegçiligi/monitoringi.*** *BGBUHN-nyň üstünlikli ýerine ýetirilmekligi üçin onda meýilleşdirilen hereketleriň administratiw we dolandyryş edaralary tarapyndan meýilnamanyň taýýarlanylýan döwründen başlap goldawy zerur. Meýilnamany utgaşdyrmagyň mehanizmini kesgitlemek arkaly şu döwürde onuň ähli beýleki strategiki ülüşlerini ýerine ýetirmekde utgaşdyrylan çemeleşmäni tapmaga synanyşmaly. Munuň özi meýilnamany durmuşa geçirmekde jogapkärçiligiň kesgitlenilmegini we utgaşdyrylan hereketleriň zerur ugra gönükdirilmegini öz içine alýar.*

BDK-nyň 6-dan 20-ä çenli maddalaryny şöhlelendirýär we hereketleriň 3-si bilen çäreleriň 11-sini öz içine alýar. Olardan 1 hereket (33,3%) we 1 çäre (9 %) ýerine ýetirilen.

Şeýlelikde, BGBUHM-daky maksatlaýyn wezipeleri/ülüşleriň seljermesi we olaryň amala aşyrylyşyna baha berilmegi netijesinde iň ýokary ýerine ýetiriliş derejesiniň L.: Kanunçylyk ülüşine degişlidigi anyklanyldy (hereketleriň we çäreleriň ýerine

ýetirilişi degişlilikde 100% we 42,3%). Şol bir wagtda hem, A. Görnüşleri in-situ gorap saklamak ülüşiniň çäklerinde 2013-nji ýylda örän wajyp goşmaça hereket ýerine ýetirildi, ýagny “Bereketli Garagum” döwlet tebigy goraghanasy döredildi.

Milli Gyzyl kitabyň üçünji neşiriniň çap edilmegi (2011) Türkmenistanda Biodürlülik hakynda konwensiýanyň ählumumy maksatlaryna ýetmekde iň esasy görkezijileriň biri boldy. Onda tebigatdaky ýagdaýy üýtgän birnäçe görnüşler, şeýle hem, umuman Gyzyl kitaba girizilen ösümlik we haýwan görnüşleriniň sanynyň azalýandygy howp salýan sebäpleriň azalmagynyň tassyknamasy hökmünde görkezilýär. Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň üçünji neşiri iki tomda çap edilip, onuň birinji tomuna ösümlikleriň we kömelekleriň 115 görnüşi (kömelekler -3, lişaýnikler -5, mohlar -2, paporotnikler -8, gülli ösümlikler hem – 97), ikinji tomuna bolsa oňurgasyz we oňurgaly haýwanlaryň 149 görnüşi (mör-möjekler -43, möýşekilliler -1, mollýuskalar -1, tegelekagyzlylar – 1, balyklar – 14, süýrenijiler – 20, guşlar – 40, süýdemdirijiler hem 29) girizildi. Milli Gyzyl kitabyň ikinji neşirine girizilen ençeme görnüşleriň sanynyň dikelmegi bilen, olar kitabyň soňky neşirinden çykaryldy, hususan-da, türkmen arçasy (*Juniperus turcomanica*), zemzen (*Varanus griseus*), orta aziýa kepjebaşy (*Naja oxiana*), müsür gogury (*Bubulcus ibis*), syçançy (*Buteo buteo*), çakyryk (*Burhinus oedicnemus*), bezemen bezziltik (*Lobivanellus indicus*), hüwi (*Bubo bubo*), bramin sary (*Sturnus pagodarum*) we başgalar.

BGBUHM-iň durmuşa geçirilmegi, gürrüňsiz, biodürlüligiň ýagdaýyna özüniň oňyn netijesini berdi, onuň diňe bir aýry-aýry toparlarynyň tebigatdaky ýagadaýy gowulaşman, eýsem, ilatyň umuman biodürlülige bolan gatnaşygy üýtgedi. Ilkinji gezek bir neşirde ahyrky netijede biodürlülik boýunça mümkinçilikleri goldamaga we güýçlendirmäge gönükdirilen köpugurly maglumatlar bir neşirde görkezildi, bu bolsa öz gezeginde ýurduň Biodürlülik hakynda konwensiýanyň ýerine ýetirilmegine mynasyp goşandy boldy. BGBUHM-da getirilýän maglumatlar diňe bir ýerlerdäki şeýle serişdeleri peýdalanyjylar üçin däl-de, eýsem tebigy baýlyklaryň durnukly peýdalanylmagyny we dolandyrylmagyny üpjün etmekde çözgütleri kabul edýän jogapkär ýolbaşçylar üçin hem örän peýdaly boldy. Şunuň bilen baglylykda, içki we halkara çeşmeleriň maliýe serişdeleriniň çekilmegi Konwensiýany durmuşa geçirmekde biodürlüligiň möhümliligine we gymmatyna düşünmeklige ondan peýdalanyjylaryň giň köpçüliginiň ünsüni çekmäge mümkinçilik berdi.

BGBUHM-da meňilleşdirilen çäreleriň ýerine ýetirilmegi biodürlülige howp salýan birnäçe sebäpleri aradan aýyrmaga ýa-da olaryň täsirini ýumşatmaga ýardam etdi. Şol bir wagtda hem, maliýe serişdeleriniň ýeterlik mukdarda goýberilmeginiň zerurlygy duýulýar.

Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan ösümlik we haýwanat dünýäsine ýetirilen zyýan üçin bildirilýän talaplaryň möçberini kesgitlemek boýunça täze nyrhnamalar işlenip düzüldi we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi bilen ylalaşandan soň 2012-nji ýylyň martyndan güýje girizildi. Öňki hereket eden nyrhnama bilen deňeşdirilende, täze nyrhnama 3-4 esse ýokarlandy. Bu belli bir derjede ýurtda biodürlülige edilýän basyşyň peselmegini ýardam etdi. Şeýle hem, Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan Türkmenistanyň çäginde biodürlülige zeper ýetirilmegi we/ýa-da onuň ýok edilmegi bilen ýetirilýän zyýana ykdysady taýdan baha bermegiň usulyýeti işlenip düzüldi we häzirki wagtda bu resminama bellenen tertipde ylalaşmak üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň garamagyna berildi.

## 2.4. Biodürlülik tematikasynyň pudaklara we pudagara derejede girizilmegi we hasaba alynmagy hem-de olaryň amala aşyrylyşynyň netijeliligi

Biodürlüligi gorap saklamak boýunça milli strategiýanyň we hereketleriň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişiniň netijeliligine geçirilen seljerme we baha berme BDK-nyň düzgünlerini we talaplaryny, şeýle hem konwensiýanyň Taraplarynyň Maslahatlarynda kabul edilen çözgütleri ýerine ýetirmekde belli bir derejede ösüş gazanylandygyny görkezdi. Hususan-da, ýerli agrobiodürlüligiň ýagdaýyna geçirilen seljerme fermer hojalyklarynda oba hojalyk ekinleriniň genetiki gaznasyny gorap saklamak bilen bagly hereketleriň ep-esli işjeňleşendigini görkezdi. Şol bir wagtda hem, biodürlüligiň oba hojalyk ekinleri bilen baglykda derejesini kesgitlemegiň zerurdygyny ýüze çykardy. Halkara bileleşikleriň berýän kömeklerini biologik we landşaft dürlüligine baý bolan oba hojalyk ekoulgamlarynyň ykdysady taýdan ukyplylygyny goldamaga işjeň çekmek arkaly, Türkmenistan biodürlüligi gorap saklamagyň meselelerini oba hojalyk pudagyna iş ýüzünde ornaşdyryp biler.

Gynansak-da, ýokarda bellenilişi ýaly BGBUHM-yň döwlet resminamsy hökmünde diňe Türkmenistanyň BMG-nyň daşky gurşaw baradaky konwensiýalaryndan we maksatnamalaryndan gelip çykýan borçlarynyň ýerine ýetirilişini üpjün etmek boýunça Döwlet topary tarapyndan tassyklandy. Bu resminamanyň halk hojalygynyň pudaklary tarapyndan ýerine ýetirilmegi üçin döwlet Baştutany tarapyndan tassyklanmazlygy BDK-yň ählumumy maksatlaryna ýetmek üçin BGBUHM-da bellenen çäreleriň durmuşa geçirilişinde belli bir derejede kynçylyklary döretdi. BGBUHM-de kesgitlenen milli maksatlaýyn wezipeler halka hojalygynyň degişli pudaklarynyň ösüşindäki strategiýalara, meýilnamalara we maksatnamalara goşulmady.

Meýilnama geçirilen seljermäniň esasynda onda göz öňünde tutulan 253 çäreleriň diňe 16-sy beýleki pudaklar tarapyndan özbaşdak ýerine ýetirilýär, 32-si Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan beýleki ministrlikler we pudak edaralary bilen bilelikde durmuşa geçirilýär. Galan 205 sany çäreleriň bolsa diňe Tebigaty goramak ministrligi üçin meýilleşdirilendigi sebäpli, BGBUHM-ny pudagiçre meýilnama meňzetdi.

BGBUHM bilen jikme-jik tanşylanda, biodürlüligiň esasy meselelerini kesgitlemekde

ileri tutulýan ugurlaryň milli aýratynlyklara esaslanan ýörite ölçegleriniň/kriterileriniň doly göz öňünde tutulmandygy duýulýar. Bu resminamadaky çäreler işlenip düzülende Konwensiýanyň düzgünlerindäki, Taraplaryň Maslahatlarynda kabul edilen çözgütlerindäki ähli pursatlar görkezilen bolsada, ol çäreleriň durmuşa geçiriliş derejesini ýokarlandyrmak üçin milli aýratynlyklara esaslanan ýörite ölçegleriň ulanylmagy möhümdi. Biziň ýurdumyz bilen baglylykda, onuň milli derejedäki durmuş-ykdysady şertlerini we ösüşini, zerurlyklaryny, ileri tutulýan ugurlaryny, biodürlüligi gorap saklamagyň möhümliligini göz öňünde tutmak bilen, şol wagtky ösüşiň geçiş döwründäki işgärleriň, maliýe serişdeleriniň, maddy-tehniki serişdeleriň ýetmezçilgi duýulýan wagtynda ýaş döwlet, meýilleşdirilen çäreleriň tutuş toplumyny doly ýerine ýetirmäge taýýar däldi.

BGBUHM ýurduň institusional mümkinçiliklerini we işgärler bilen üpjünçiligini doly göz öňünde tutmazdan işlenip taýýarlandy. Meýilnamada göz öňünde tutulan çäreleriň käbiri wagtyndan öň görkezilen ýa-da hakyky ýagdaýy göz öňünde tutmazdan bellenen.

Şeýle hem bolsa, Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň BMG-nyň Ösüş maksatnamasy we Bütindünýä ekologik gaznasy bilen bilelikde ýerine ýetiren "Hazar deňziniň kenaryndaky Hazar goraghanasynda dünýä ähmiýetli biodürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanmak" (2006-2010) taslamasynyň çäklerindäki ilkinji tejribe aýratyn goralýan tebigy ýerleriň milli ulgamynyň durnuklylygyny berkitmek, Hazar deňziniň kenarynda ýerleşýän edaralaryň pudagara hyzmatdaşlygyny ösdürmek, ýerli ilaty goldamak arkaly biodürlüligiň goralyp saklanmagyny global derejede üpjün edip boljakdygyny görkezdi. Hazar döwlet tebigy goraghanasyny dolandyrmakda çeýe çemeleşme biodürlüligi gorap saklamak boýunça kenarýaka zolagyny durnukly dolandyrmak işlerini köp pudaklara ornaşdyrmaga mümkinçilik berdi.

Aýratyn goralýan tebigy ýerleriň harytlary we hyzmatlary bermäge hem-de ýerli ilaty ýaşaýşyň serişdeleri bilen üpjün etmäge ukyply ekoulgamlaryny durnukly ulnmagyň aýdyň mysaly hökmünde ekologik syýahatçylygy görkezmek bolar. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýörite Karary bilen tassyklanan ýurtda syýahatçylygy ösdürmegiň 2012-2016-njy ýyllar üçin maksatnamasynda syýahatçylygy, şol sanda ekologik syýahatçylygy ösdürmäge, bu möhüm çärä hususy sektoryň serişdelerini çekmeklige aýratyn üns berilýär. Bu babatda eýýäm oňat netijeler hem görnüp başlady, ýagny hususy sektor ýurduň syýahatçylyk pudagynyň infrastrukturasynyň ösmegine işjeň girişýär.

Türkmenistan howanyň üýtgemeginiň täsirine baha bermäge girişmek bilen, onuň netijelerini taslamalaryň düzümine girizmek üçin howanyň üýtgemeginiň täsirini azaltmaga we uýgunlaşmaga gönükdirilen syýasatyň düýbüni tutdy. Hususan-da 2012-nji ýylda Türkmenistanda howanyň üýtgemegi boýunça Milli strategiýa kabul edildi. Ýurt Baştutanynyň ýörite Karaty bilen tassyklanan bu resminama howanyň üýtgemegi bilen bagly meselelere milli garaýşy kesgitleýär we howanyň



üýtgemegine hem-de onuň täsirine garşy çäreleri işläp taýýarlamagyň we durmuşa geçirmegiň döwlet syýasatynyň esasyny düzýär. Milli strategiýada howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak üçin ileri tutulýan pudakalara saglygy goraýyş, oba we suw hojalyklary bilen bir hatarda, tebigy ekoulgamlary, florany, faunany, tokaýlary, toprak we ýer baýlyklaryny hem degişlidir diýlip bellenilýär. Ekoulgamlaryň we tokaý hojalygynyň howanyň üýtgemegine durnuklylygyny ýokarlandyrmaga, biodürlüligi gorap saklamaga gönükdirilen öňüni alyş çäreleri durmuşa geçirmek üçin, Milli strategiýada aşakdaky wezipeleriň çözülmegi zerur diýlip kesgitlenen:

- Tokaýlaryň hasabyny ýöretmegiň ulgamyny kämilleşdirmegi hem goşmak bilen, Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasynyň işlenip düzülmegi;
- Ykdysady taýdan höweslendirmegiň mehanizmini kämilleşdirmek;
- Önümçilik işleriniň tebigy ekoulgamlaryň kadaly hereket etmegini goldamaklary üçin biodürlüligi gorap saklamak we dolandyrmak boýunça maksatlaryň ykdysady pudaga ornaşdyrylmagy;
- Üýtgedip gurmak arkaly aýratyn goralýan tebigy ýerleriň (AGTÝ) yldysady mümkinçiligini ýokarlandyrmak, olaryň umumy meýdanyny giňeltmek, milli tebigy seýilgähleri döretmek we maliýeleşdirmegiň durnukly başga/alternatiw mehanizmlerini ornaşdyrmak;
- Ekoulgamlaryň durnuklylygyny ýokarlandyrmaga, şeýle hem ýer we suw serişdelerini rejeli peýdalanamaga gönükdirilen ýörelgeleriň ykdysadyýetiň ýangyç-energetika toplumy, ulag, gurluşyk ýaly daşky gurşawa ýaramaz täsirini ýetirip biljek möhüm pudaklaryna ornaşdyrylmagy;
- Tokaý meýdanlaryny giňeltmäge gönükdirilen hukuk, ykdysady we guramaçylyk-tehniki çäreleriň kabul edilmegi.

Howanyň üýtgemegi boýunça Milli strategiýada onuň geljekde durmuş-ykdysady ösüşiň milli maksatnamalarynyň we meýilnamalarynyň aýrylmaz bölegi boljak uýgunlaşmak we zyňyndy (parnik) gazlarynyň mukdaryny azaltmak boýunça milli meýilnamalar arkaly durmuşa geçiriler diýlip kesgitlenen.

## 2.5. Biodürlüligi gorap saklamak boýunça Milli strategiýanyň we hereketleriň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişine baha bernek

Biodürlülik hakynda konwensiýanyň 3-nji maddasyna laýyklykda, her bir ýurduň öz üstüne beýleki döwletleriň ýa-da öz tabynlygyndaky ýerleriň (ýurisdiksiýasynyň) çäginden daşardaky etraplaryň tebigy gurşawyna zyýan ýetirmezlige jogapkärçiligi almak bilen, daşky gurşaw babatda döwlet syýastynyň esasynda öz tebigy

serişdelerini özleşdirmäge garaşsyz hukugy bardyr. Türkmenistan Biodürlülik hakynda konwensiýanyň Taraplarynyň Maslahatlaryndaky öňe sürülýän oňyn pikirleriň ählisi bilen ylalaşyp, biodürlüligiň gymmatynyň ilkinji nobatda genetiki baýlyklaryň, biologik görnüşleriň ykdysady gymmatlyklary bilen, ekoulgamlaryň ýurduň ykdysady ösüşindäki orny bilen kesgitlenýändigini ykrar edýär.

2002-nji ýylda biodürlülik babatda ilkinji gezek örän giň möçberli milli strategik resminama – "Türkmenistanda biodürlüligi gorap saklamagyň baş ugry we hereketleriň meýilnamasy" işlenip taýýarlandy. Häzirki wagtda AGTÝ-iň ulgamy tarapyndan berilýän ekologik hyzmatlara ykdysady nukdaý nazardan baha berilmegi hem örän möhümdir.

Soňky ýyllardaky bolup geçýän syýasy we ykdysady üýtgedip gurmalar täze BGBUHM-y işläp düzmäge oňat şertler döredýär. Munuň şeýledigine ýurduň biodürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanmak boýunça alnan oňyn netijeler we ýetilen sepgitler şaýatlyk edýär, olaryň köpüsi birinji BGBUHM-e girizilen ýa-da ondaky çärelere özüniň gytaklaýyn täsirini ýetiren:

1. Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň üsti bilen BGBUHM-iň durmuşa geçirilmeginiň, biodürlüligiň goralyp saklanmagynyň we durnukly peýdalanylmagynyň döwlet tarapyndan goldanylmagy;

2. BGBUHM kabul edilenden soň, biodürlülige göni ýa-da gytaklaýyn täsiri ýetýän halkara ylalaşyklarynyň tassyklanmagy, şol sanda:

– Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça çarçuwaly konwensiýa, 2004 ý.;
– "Ozon dargadyjy maddalar boýunça Monreal teswirnamasyna Kopengagen, Monreal we Pekin düzedişlerine goşulmak hakynda", 2008 ý.;
– "Suwda ýüzýän guşlaryň ýaşaýan ýerleri hökmünde goralýan halkara ähmiýetli suwly-batgalyk ýerler baradaky konwensiýa goşulmak hakynda" (Ramsar konensiýasy), 2008 ý.;
– "Biodürülik hakynda konwensiýanyň Biohowpsuzlyk hakyndaky Kartahena tswswirnamasyna goşulmak hakynda" 2008 ý.

3. Türkmenistanyň botanika baglary, haýwanat baglary, seçgiçilik stansiýalary tarapyndan amala aşyrylýan halkara maksatnamalaryna goşulmagy. Bu işleriň çäginde materiallary yzygiderli alyşmak, görnüşleri gaýtadan tebigata goýbermek/ornaşdyrmak bilen bagly çäreler geçirilýär. Botanika bagy indi köp ýyllaryň dowamynda dürli ýurtlaryň botanika baglary bilen tohumlary alyşmak işlerini geçirýär;

4. Döwletiň tebigaty goramak babatda hukuk binýadynyň ösdürilmegi, kämilleşdirilmegi, täzelenmegi, hususan-da aşakdaky kanunlaryň kabul edilemgi:

– "Ozon gatlagyny goramak hakynda" Türkmenistanyň kanuny, 2009 ý.,
– Türkmenistanyň Tokaý kodeksi, 2011 ý.,
– "Balyk tutmak we suw biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda" Türkmenistanyň kanuny, 2011 ý.,
– "Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda" Türkmenistanyň kanuny, 2012 ý.,
– "Ösümlik dünýäsi hakynda" Türkmenistanyň kanuny, 2012 ý.,
– "Haýwanat dünýäsi hakynda" Türkmenistanyň kanuny, 2013 ý.,
– Türkmenistanyň administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksi, 2013 ý., bu Kodeksiň 11-nji baby tututşlygyna tebigaty goramak we daşky gurşaw babatda administratiw hukuk bozulmalaryna bagyşlanyp (jemi 65 madda), onda tebigaty goramak kanunçylygyny bozýan hereketler hem-de şeýle ýagdaýlar ýüze çykanda ulanylýan jerime we administratiw çäreler doly açylyp görkezilýär;
– "Tebigaty goramak hakynda" Türkmenistanyň kanuny, 2014 ý.,
– "Ekologiýa sejermesi hakynda" Türkmenistanyň kanuny, 2014 ý.

5. 2013-nji ýylda iň ýokary derejede iki sany strategiki möhüm resminamalaryň kabul edilmegi:

- Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasy;
- Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasy kabul edilip, oňa biodürlüligi gorap saklamagyň meseleleri girizilen.

6. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň, metodiki gollanmalaryň, düzgünnamalaryň, geljege niýetlenen pudagara meýilnamalaryň işlenip düzülmegi we kabul edilmegi:

– Türkmenistanyň çäginde biodürlülige zeper ýetirilmegi we/ýa-da onuň ýok edilmegi bilen ýetirilýän zyýana ykdysady taýdan baha bermegiň usulyýeti;
– Türkmenistanda suw desgalarynyň hapalanmagy netijesinde daşky gurşawa ýetirilen zyýana baha bermegiň usulyýeti;
– Türkmenistanda topraklaryň hapalanmagy netijesinde daşky gurşawa ýetirilen zyýana baha bermegiň usulyýeti;
– Atmosfera howasynyň gozgalmaýan we göçme çeşmelerinden hapalanmagy netijesinde daşky gurşawa ýetirilen zyýana baha bermegiň we ony hasaplamagyň usulyýeti;

– Ösümlikleriň we haýwanlaryň görnüşleriniň bikanun alynmagy, ýok edilmegi we tebigy baýlyklaryň ulanylmagy netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin ölçeglerini kesgitlemek boýunça nyrhnamalaryň taýýarlanylmagy we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi bilen ylalaşylandan soň 26.03.2012 ý. senede Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň №53/2-2012 belgili buýrugy bilen tassyklanmagy;

– Türkmenistanyň Döwlet balyk hojalygy komitetiniň Türkmenistanyň balyk goragy döwlet müdirligi hakyndaky düzgünnama;

– Türkmenistanyň suw biologik serişdelerini goramak hakynda we territorial suwlarynda hem-de içki suw ulgamlarynda balyk tutmagy kadalaşdyrmak hakynda düzgünnama;

– Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk, Goranmak, Içeri işler, Tebigaty goramak ministrleri, hem-de Döwlet serhet gullugynyň, Gümrük gullugynyň we Balyk hojalygy döwlet komitetiniň başlyklarynyň gol çeken daşky gurşawy, ösümlik we haýwanat dünýäsini hem-de balyk gorlaryny goramak boýunça kanunçylygyň ýerine ýetirilişine gözegçilik boýunça 2012-2015-nji ýyllar üçin köptaraplaýyn meýilnama;

– Türkmenistanyň Içeri işler, Goranmak, Oba hojalyk, Energetika we senagat, Tebigaty goramak ministrleri, hem-de Döwlet serhet gullugynyň, Balyk hojalygy döwlet komitetiniň, “Türkmenmallary” assosiasiýasynyň, “Türkmenjbahyzmat” assosiasiýasynyň hem-de Ýangyna garşy göreşmegiň meýletin jemgyýetiniň başlyklarynyň gol çeken Türkmenistanyň çäginde 2012-2016-njy ýyllarda ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça pudagara meýilnama;

– Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarynyň gol çeken Türkmenistanyň çäklerinde ýokanç keselleriň öňüni almak boýunça 2011-2015-nji ýyllar üçin Pudagara maksatnama.

7. Biodürlüligi gorap saklamagyň institusional we işgärler binýadyny ösdürmek, kämilleşdirmek: garaşsyzlygyny alandan soň ösüşiň çylşyrymly döwründe ýurt diňe bir 8 sany goraghanalary we 14 sany çäkli goraghanalary saklamagy başarmak bilen çäklenmän, eýsem täze “Bereketli Garagum” döwlet tebigy goraghanasyny hem döretdi.

8. Biodürlüligi gorap saklamak meselelerinde Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy, Ýokary okuw mekdepleri, pudaklaýyn ylmy-barlab edaralary tarapyndan ylmy goldawyň berilmegi; 2009-njy ýylda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň gaýtadan açylmagy biodürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanmak, olary kesgitlemek, öwrenmek, tebigy ýagdaýyna baha bermek we gözegçilik işlerini gurnamak üçin ylmy barlaglary geçirmäge oňat mümkinçilikleri döretdi.

9. 2013-nji ýyldan bäri “Ekologiýa medeniýeti we daşky gurşawy goramak” žurnaly yzygiderli çap edilýär, onda biodürlüligi gorap saklamagyň we durnukly peýdalanmagyň meseleleri giňden açylyp görkezilýär.

10. 2010-njy ýylda Aşgabatda 40 gektar meýdanda Janly tebigatyň milli muzeýi guruldy, onda ýerli faunanyň ýüzlerçe görnüşleri saklanylýar we köpeldilýär.

11. Biodürlüligi *ex-situ* gorap saklamagyň täze usullarynyň ösdürilmegi, ýagny Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Botanika institutynyň Botanika bagynda we Magtymgulydaky ylmy-önümçilik synag merkezinde tohumlar gaznasynyň laboratoriýalarynyň döredilmegi we ösümlikleriň seýrek görnüşlerini gorap saklamak üçin tebigy gen gaznalarynyň (kolleksiýalaryň) köpeldilmegi.

12. Bütindünýä ekologik gaznasy we beýleki halkara hemaýatkärler/donorlar Türkmenistanyň biodürlüligini gorap saklamaga özleriniň mynasyp goşantlaryny goşdular: 2000-2013-nji ýyllarda bu ugurda onlarça taslamalar ýerine ýetirildi.

13. Köpetdagyň eteginde, paýtagt Aşgabat şäheriniň, beýleki şäherleriň, etrap merkezleriniň töwereginde adam eli bilen 100 müň gektardan-da gowrak meýdanda tokaý zolaklary döredildi, 70 milliondan-da köp nahallar oturdyldy: olar olar tokaýlary döretmek, tokaýlary dikeltmek boýunça ýurt möçberinde alnyp barylýan ägirt işleriň düzüm bölegi bolmak bilen biodürlüligi gorap saklamakda örän uly ähmiýeti bardyr.

14. Ýurduň degişli hünärmenleri tarapyndan Türkmenistanyň tebigy desgalaryny ÝUNESKO-nyň Bütindüünýä mirasynyň sanawyna goşmak boýunça möhüm işler alnyp barylýar, şol sanda: özüniň tektoniki jaýryklary we gadymy wulkanlary, pes daglyk ýerlerindäki pisselikleri, gulanlaryň, keýikleriň, aýraklaryň sürüleri bilen dünýä belli Bathyz belentligi we köp sanly ýerasty gowaklary, uçut gaýaly dereleri, burma şahly umgalary, ýer ýüzünde ýeke-täk duş gelýän kör balygy we beýleki tebigy gözellikleri bilen tapawutlanýan Köýtendagyň gerişleri, şeýle hem çöl, dag, deňiz we derýa boýlarynyň landşaftlarynyň adam eli degmedik künjeklerini özünde jemleýän Repetek biosfera, Sünt-Hasardag, Amyderýa, Hazar, Köpetdag döwlet tebigy goraghanalary. Bu tebigy toplumlar özboluşly täsin hadysalar bolmak bilen, köp sanly seýrek duşýan ösümlik we haýwanat dünýäsiniň wekilleriniň gelip çykan watany hasaplanýar we Ýer ýüzünde ekologik deňagramlylygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde dünýä genetiki gaznasy üçin aýratyn möhüm ähmiýete eýedir.

15. Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň üçünji neşiri taýýarlandy we çap edildi (2011): ýitmek howpunyň aradan aýrylmagy sebäpli ösümlikleriň we haýwanlaryň birnäçe görnüşleri, şol sanda türkmen arçasy, türkmen eublefary, zemzen, Ýashanyň göňdün tarany, müsür gogury, syçançy, çakyryk, hüwi, bramin sary we başga-da birnäçe görnüşler Gyzyl kitapdan çykaryldy.

16. Agrobiodürlülik babatda, ýagny ekerançylyk we maldarçylyk bilen bagly seleksion işleri seljermek/gözden geçirip tükellemek boýunça degişli işler alnyp barylýar: oba hojalygyndaky tohum baýlyklarynyň goraglylygyny üpjün etmek üçin ýörite saklawhanalar hereket edýär.

17. döwlet goraghanalary tarapyndan görnüşleri *ex-situ* gorap saklamagyň, ýagny ösümlikleriň we haýwanlaryň seýrek görnüşlerini malhanalarda we nahalhanalarda ýetişdirmegiň baý tejribesi toplandy.

18. Türkmen halkynyň tebigata aýawly garamak, onuň baýlyklaryndan rejeli peýdalanmak boýunça gadymdan gelýän däp-dessurlary, urp-adatlary goldanylýar.

Türkmenistanyň tebigy ekoulgamlarynyň tutuş biosferanyň ählumumy durnuklylygyna mynasyp goşandynyň bardygy sebäpli, halkara derejesindäki özara hasaplaşyklara esaslanan ekoulgam hyzmatlarynyň bazarynyň ýurt üçin aýratyn ähmiýete eýedir. Şonuň üçin hem, milli derejede "ekoulgam hyzmatlarynyň" hümmetini kesgitlemek we ýurduň ekoulgamlarynyň tutuş biosferanyň ählumumy durnuklylygyna goşandyny anyklamak boýunça degişli baha berilmegi zerur.

## 2.6. Gazanylan üstünliklere we päsgelçiliklere syn

Biodürlülik hakynda konwensiýany durmuşa geçirmekde ýurtda gazanylan esasy üstünlikleriň biri – görnüşleriň ýaşaýan ýerleriniň zaýalanmagynyň hem-de biodürlüligiň azalmagynyň öňüni almagyň başardanlygydyr. Oňa ilkinji nobatda tebigaty goramak babatda hereket edýän kanunçylygyň kämilleşdirilmegi ýardam etdi, diňe soňky 5 ýylda 10-dan-da gowrak täze kanunlar kabul edildi. Bu kanunlar işlenip düzülende (ýa-da hereket edýänleri rejelenende) Tebigaty goramak ministrligi Türkmenistan tarapy bolan halkara ekologik konwensiýalaryň we ylalaşyklaryň talaplaryny göz öňünde tutdy.

Yzygiderli geçirilýän gorag işleriniň netijesinde käbir toýnakly haýwanlaryň tebigatdaky ýagdaýyny durnuklaşdyrmak başartdy, burma şahly umganyň sany bolsa soňky 10 ýylda 1,5 esseden-de gowrak artdy. Soňky 20 ýylyň içinde guşlaryň görnüş durlüligi ýurt üçin birnäçe täze görnüşleriň, şol sanda garaçüňk gaz (*Anser cygnoides*), humaý (*Gyps himalaiensis*), uly çalymtyl çarlak, Krameriň totuguşy (*Psittacula krameri*), aziýa koeli, uragus ýa-da uzynguýruk pitpiti (*Uragus sibiricus*), garapetekeli süleçi, akegin süleçi ýaly görnüşleriň hasabyna baýalaşdy (Агрызков, Менлиев, Рустамов, 2013; Рустамов, 2013). Şeýle ýagdaýa howanyň üýtgemeginiň täsiriniň ýeten bolmagy mümkin, ýöne soňky ýyllarda meýdanda geçirilýän barlag işleriniň ýygjamlaşmagynyň hem belli bir derejede ýardam eden bolmagy mümkin.



Çöl tokaýlyklary, öeýle hem dagda daşky gurşawyň döremegine esasy täsir edýän görnüş bolan türkmen arçasy gaýtadan dikelip başlady. 1998-2014-nji ýyllarda Köpetdagyň eteginde paýtagtyň töwereginde we ýurduň beýleki iri şäherleriniň töwereginde 100 müň gektardan-da gowrak meýdanlarda "gök guşaklary" emele getirýän pürli we ýaprakly agaçlaryň, şeýle hem gyrymsy agaçlaryň 70 million töwregi nahallary oturdylyp, emeli tokaý zolaklary döredildi.

Biologik dürlüligi, onuň her bir ülüşini gorap saklamaga we rejeli peýdalanmaga gönükdirilen ykdysady usullar durmuşa ornaşdyrylýar.

Biodürlülik hakyndaky konwensiýanyň we Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça çarçuwaly konwensiýanyň çäklerinde halkara we sebit derejesinde (mysal üçin, Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň Durnukly ösüş boýunça döwletara topary) hyzmatdaşlyk, şeýle hem ikitaraplaýyn gatnaşyklar ösdürilýär.

2012-2013-nji ýyllarda iň ýokary derejede iki sany möhüm resminamalaryň kabul edilmegi – Biodürlülik hakyndaky konwensiýany durmuşa geçirmekde öwrümli pursat boldy, ýagny:
- Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasy we,
- Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasy.

Bu resminamalarda biodürlüligi gorap saklamagyň möhüm meseleleri kesgitlendi, özem olary durmuşa geçirmek üçin ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň çekilmelidigi bellendi.

Şeýle hem bolsa, Türkmenistanyň BGBUHM-nyň çäklerinde durmuşa geçirilýän çärelere seljerme geçirilende birnäçe kynçylyklaryň we päsgelçilikleriň bärdygyny ýüze çykardy, olardan iň esasylary aşakdakylardyr:

- Ilkinji nobatda bellemeli zat, ol hem Hereketleriň meýilnamasy işlenip taýýarlananda ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň milli aýratynlyklaryny, zerurlyklaryny, ýokary hünärli işgärleriň, maliýe we maddy-tehniki serişdeleriniň ýetmezçilik edýän geçiş döwrüniň aýratynlyklaryny doly derejede göz öňünde tutmazdan meýilnama örän köp çäreleriň girizilmegi;
- Milli BGBUHM döwlet resminamasy hökmünde diňe Türkmenistanyň BMG-nyň daşky gurşaw baradaky konwensiýalaryndan we maksatnamalaryndan gelip çykýan borçlarynyň ýerine ýetirilişini üpjün etmek boýunça Döwlet topary tarapyndan tassyklandy. Bu resminamanyň halk hojalygynyň pudaklary tarapyndan ýerine ýetirilmegi üçin döwlet Baştutany tarapyndan tassyklanmazlygy BDK-yň ählumumy maksatlaryna ýetmek üçin BGBUHM-da bellenen çäreleriň durmuşa geçirilişinde kynçylyklary döretdi;
- BGBUHM-y durmuşa geçirmek boýunça merkezi döretmek bilen

baglylykda köp işleriň ýerine ýetirilendigine garamazdan, ol merkezi resmi taýdan açmaklyk we onuň işini ýola goýmaklyk başartmady. BGBUHM-y dolandyrmak we onda bellenen çäreleri durmuşa geçirmek işlerini Utgaşdyryjy toparyň bolmazlygy ýurt tarapyndan Biodürlülik hakynda konwensiýanyň talaplarynyň ýerine ýetirilişine baha bermek hem-de gözegçiligi alyp barmak üçin biodürlüligiň esasy toparlary boýunça maglumatlaryň toplanmagyny kynlaşdyrdy. Resmi taýdan ähli maglumatlar Türkmenistanyň Statistika boýunça döwlet komitetinde toplandy, ýöne ähli çäreleriň ýerine ýetirilişi jogapkär döwlet edarasyn hökmünde bolsa Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi bellebdi;

- Hereketleriň meýilnamasynda olary ýerine ýetirmekligiň anyk möhletleri we göterimde aňladylan ýerine ýetiriliş derejesiniň görkezilendigi sebäpli, hakykatda olaryň käbirleri üçin mümkin bolmadyk möhletler görkezilen, käbir çäreler bolsa ýurtda täze ileri tutulýan ugurlaryň saýlanmagy hem-de Konwensiýanyň Taraplarynyň Maslahatlarynda köpsanly täze çözgütleriň kabul edilmegi netijesinde özleriniň zerurlygyny ýitirdi.





# Aýtide kabul edilen biodürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanmak boýunça 2020-nji ýyla çenli maksatlaýyn wezipeleri amala aşyrmaklygyň netijeleri we 2015-nji ýyla çenli bellenen müňýyllygyň ösüş maksatlarynyň degişli masksatlaýyn wezipelerine ýetmeklige goşant

## 3.1. Aýtide kabul edilen 2011-2020-nji ýyllarda biodürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanmak babatda Strategik meýilnamany ýerine ýetirmekde we biodürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanmak boýunça maksatlaýyn wezipelere ýetmekde gazanylan üstünlikler

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, Aýtide kabul edilen 2011-2020-nji ýyllarda biodürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanmak boýunça milli strategiýany we hereketleirň meýilnamasyny hem-de oňa ýetmek üçin bellenen maksatlaýyn wezipeleri işläp düzmeklige Türkmenistan 2013-nji ýylda girişdi we 2015-nji ýylyň ahyryna gutarmaklygy meýilleşdirýär.

Şeýle bolsa-da, biodürlüligi gorap saklamagyň we olaryň her bir ülüşinden aýawly peýdalanmagyň möhüm wezipeleri durnukly ösüş boýunça döwletiň esasy resminamalarynda özüniň mynasyp ornuny tapýar. Hususan-da, 2002-nji ýylda

çapdan çykan “Türkmenistanyň durnukly ösüşi, Rio+10. Milli syn” atly kitapda “Ekologiýa meselelerine rejeli çemeleşilmegi bilen berk baglanyşykda ýurduň ykdysady ösüşi, ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmekdäki çürt-kesik (radikal) çäreler – Türkmenistanyň durnukly ösüşiniň konseptual ideýasynyň özenini düzýän esasy bölekleridir” diýlip bellenilýär. “Durnukly ösüş” düşünjesi Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimahamedowyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 65-nji we 67-nji mejlislerinde, 2012-nji ýylda Rio-de-Žaneýro (Braziliýa) şäherinde geçen Durnukly ösüş boýunça “Rio+20” Bütindünýä sammitinde eden taryhy çykyşlaryny hem goşmak bilen, döwlet dejeresinde kabul edilýän köpsanly resminamalaryň, çap edilýän neşirleriň, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň ýörite kararlary bilen tassyklanan “Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasynyň” (2012 ý.) we “Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasynyň” (2013 ý.) aýrylmaz bölegidir.

Ýurduň onýyllyklary nazarlaýan ösüşini kesgitleýän “Türkmenistany 2011-2030-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda” ekologiýa meselesi döwletiň öňünde duran beýleki möhüm wezipeler bilen bir hatarda görkezilýär. Tebigy serişdeler bilen daşky gurşaw ýurduň bahasyna ýetip bolmajak baýlyklarynyň esasyny düzýän çeşmeleri hökmünde garalýar. Bu günki gün Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň tebigaty goramak syýasatynyň esasynda suw we ýer baýlyklarynyň rejeli peýdalanylmagyny, topragyň hasyllylygynyň ýokarlanmagyny, tokaýlaryň dikeldilmegini, biologik dürlüligiň goralyp saklanmagyny göz öňünde tutýan sazlaşykly ösüş ýörelgesi ýatyr.

Geljekde biodürlüligiň ölçeglerini (parametrlerini) howanyň üýtgemeginiň biodürlülige edip biljek ýaramaz täsirlerine gözegçiligi alyp barmak mehanizmine ornaşdyrmaklyk meýilleşdirilýär. Häzirki wagtda ýurtda Biodürlülik hakynda konwensiýanyň Taraplarynyň Maslahatlarynda kabul edilen Ýolbaşçylyk ýörelgelerinden ugur alyp, milli zerurluklary we ileri tutulýan ugurlary kesgitlemek boýunça degişli işler alnyp barylýar.

## 3.2. Müňýyllygyň ösüş maksatlarynyň 2015-nji ýyla çenli bellenen degişli maksatlaýyn wezipelerine ýetmekde Konwensiýany amala aşyrmaklygyň ähmiýeti

Biodürlülik hakynda konwensiýa Türkmenistanda biodürlüligi gorap saklamak we rejeli peýdalanmak bilen bagly halkara meseleleri çözmekde, diňe bir milli derejede däl-de, eýsem sebit we halkara derejede hem uly ähmiýete eýedir. BMG bilen möhüm ugur bolan durnukly ösüş boýunça hyzmatdaşlyga ygrarly bolmak bilen, Türkmenistan öz öňünde anyk wezipeleri goýýar. Hususan-da, Merkezi Aziýada ekologiýa ýagdaýyny gowulandyrmak, Hazar deňziniň ekologik meselelerini çözmek, onuň örän özboluşly ekoulgamyny we gaýtalanmajak biodürlüligini gorap saklamak boýunça degerli işleri alyp barýar.



Ýurtda ilkinji nobatda möhüm ekologik meseleleriň çözülmegine gönükdirilen köpsanly maksatnamalar we taslamalar durmuşa geçirilýär. Bu babatda tokaý meýdanlaryny giňeltmek, tebigy tokaýlyklary dikeltmek boýunça umumy döwlet derejesinde amala aşyrylýan maksatnamanyň aýratyn bellenilmegi zerurdyr. Bu maksatnamanyň amala aşyrylmagyna mekdep ýaşyndaky çagalardan başlap, ýaşululara çenli ähli halk gatnaşýar.

Diňe bir Türkmenistanda däl, eýsem tutuş Merkezi Aziýada ekologik howpsuzlygynyň berk binýadyny döretmek boýunça möhüm meseleleriň işjeň çözülmeginiň aýdyň mysaly hökmünde Merkezi Garagumda gurulýan “Altyn asyr” Türkmen kölüni görkezmek bolar. Özüniň göwrümi boýunça-da, ähmiýeti boýunça-da deňi-taýy bolmadyk bu maýa goýum taslamasynyň esasy maksady – suwarymly ýerleriň ýagdaýyny düýpgöter gowulandyrmak we şol bir wagtda hem topragyş şorlaşmagy, käbir ýerleriň batgalaşmagy, gurakçylyk, biodürlüligi gorap saklamak hem-de baýlaşdyrmak bilen bagly köpsanly meseleleri çözmekdir.

Ýurduň ähly welaýatlaryndaky ekin meýdanaryndan toplanýan şorlaşan zeý-akaba suwlaryny bir ýere toplamaklyga gönükdirilen bu ägirt gidrotehniki desganyň gurluşygynyň birinji tapgyry işe girizilenden soň, bary-ýogy sanlyja ýylyň içinde oňa ýanaşyk ýerler düýpgöter özgerdi.

Bu günki gün yklymyň iň iri çöllerinden biri bolan Garagum çölünde goraghanalaryň döredilmegine, aýratyn goralýan tebigy ýerleriň ulgamyny giňeltmäge hem uly üns berilýär. 2013-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentniň kararyna laýyklykda Garagumyň jümmüşinde ýurtda 9-njy goraghana – umumy meýdany 87,8 müň gektar bolan “Bereketli Garagum” döwlet tebigy goraghanasy döredildi. Ekologiýa tematikasyna, ilkinji nobatda hem sebitiň biodürlüligini öwrenmeklige we gorap saklamaklyga, tebigatdan rejeli peýdalanmaklygyň ylmy esaslaryny işläp düzmeklige, AGTÝ-iň ulgamyny giňeltmeklige bagyşlanan ylmy-barlag işleriniň tutuş toplumyny geçirmek bilen bir hatarda, bu goraghana ýurduň syýahatçylyk babatdaky mümkinçilikleriniň durmuşa geçirilmegine ýardam eder, gurak şertlerde ekologik syýahatçylygyň ösmegine esas döreder.

Bularyň hemmesi Müňýyllykdaky ösüşiň maksatlarynyň esasylaryndan biri – Ekologik durnuklylygy üpjün etmeklige, şol sanda durnukly ösüşiň ýörelgelerini ýurduň strategiýalaryna hem-de maksatnamalaryna girizmek we tebigy serişdeleriň ýirilmeginiň öňüni almak ýaly meseleriiň çözülmegine ýardam eder.

Müňýyllygyň Maksatlaryna ýetmekdäki möhüm wezipeleriň ýene biri hem hemişelik esasda arassa agyz suwy bilen üpjün edilmedik adamlaryň sanyny iki esse azaltmakdyr.

2010-njy ýylda “Agyz suwy hakynda” Türkmenistanyň kanuny kabul edildi. Ilaty döwlet tarapyndan kepillendirilen agyz suwy bilen doly üpjün etmeklige gönükdirilen

bu Kanun agyz suwunyň hiline we onuň adam saglygyna howpsuzlygyna gözegçiligi amala aşyrmaklygyň talaplaryny, agyz suwunyň çeşmeleriniň goraglylygyny we olardan peýdalanmagyň düzgünlerini kesgitleýär, ol çeşmelerden rejeli peýdalanmaklygy we ekologiýa taýdan arassa saklanmagyny üpjün etmeklige, hapalanmagynyň, gömülmeginiň we guramagynyň öňüni almaklyga gönükdirilen, şeýle hem agyz suwy bilen üpjün ediş ulgamynyň kadaly işlemeginiň we bu ulgamda işleýän subýektleriň özara gatnaşyklarynyň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny belleýär. Bu kanunyň hereket girizilmegi bilen, ilaty ýokary hilli, arassa agyz suwy bilen üpjün etmek boýunça ýörite maksatnama işlenip düzüldi we häzirki wagtda bu mesele üstünlikli çözülýär.

Bularyň ählisi Türkmenistanyň Biodürlülik hakynda konwensiýanyň Ýolbaşçylyk ýörelgelerine eýýermek bilen ekologik meseleleri üstünlikli çözýändigini we Müňýyllygyň ösüş maksatlaryna ýetmäge ygrarlydygyny görkezýär.

## 3.3. Konwensiýany amala aşyrmak bilen bagly iş ýüzündäki netijeler

Ýurt garaşsyzlygyny alandan soň, ösüşiň geçiş döwrüniň şertlerinde soňky 20 ýyldan gowrak wagtda Türkmenistan örän çylşyrymly meseleleri çözmekde – halkyň galkynmagynda we onuň däp-dessurlarynyň dikeldilmeginde, ykdysady ösüşde uly üstünliklere ýetmekligi başardy. Türkmen jemgyýetiniň durnukly ösüşini üpjün etmek üçin döwlet derejesindäki maksatnamalar kabul edildi; syýasy, ykdysady, ekologiýa we durmuş meseleleri toplumlaýyn çözüldi. Şol bir wagtda hem, daşky gurşawy we biologik dürlüligi goramak meselesi döwletiň hemişe üns merkezinde durýar, çünki ilatyň saglygy we onuň abadançylygy şu ýagdaýlara bagly bolup durýar. Biodürlüligiň, ekoulgamlaryň goralyp saklanmagy we olaryň durnukly peýdalanylmagy Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bolmagynda galýar.

1996-njy ýylda Türkmenistan Biodürlülik hakynda konwensiýa goşuldy. Şeýlelikde, ol biologik dürlüligiň her bir ülüşini gorap saklamagyň dünýä ähmiýetli meseleleriniň oňyn çözülmegine özüniň işjeň garaýşyny hem-de ekologiýa taýdan durnukly we howpsuz ösüşe ygrarlydygyny iş ýüzünde subut etdi. Biologik dürlüligi gorap saklamak we olary baýlaşdyrmak, hususan-da aýratyn ähmiýetli we gymmatly görnüşleriň sanyny artdyrmak döwlet ähmiýetli wezipeler hökmünde seredilýär. Türkmenistan BMG-yň Biodürlülik hakyndaky konwensiýany ykrar etmek bilen, döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryndan biri bolan ekologik howpsuzlygyň üpjün edilmegine doly taýýardygyny tassyklady. Beýleki ýurtlar bilen bir hatarda Biodürlülik hakyndaky konwensiýanyň çözgütlerini goldamak hakyndaky Jarnama bilen ylalaşyp, Türkmenistan bu Konwensiýa görnüşleri, toplanmalary we tutuş ekoulgamlary gorap saklamak boýunça ähli halkara ylalaşyklaryň bitewi hukuk esaslaryny düzýän halkara derejesindäki syýasy resminama hökmünde garaýar.



Türkmenistanda tebigy baýlyk bolan biologik dürlüligi gorap saklamak boýunça uly möçberli, ilkinji nobatda hem täze goraghanalary döretmek we goralýan tebigy ýerleriň ulgamyny giňeltmek arkaly degişli işler alnyp barylýar. Aýratyn goralýan tebigy ýerleriň milli ulgamy biodürlüligi gorap saklamak hem-de dikeltmek bilen bir hatarda, ýer we suw baýlyklaryny, kenarýaka zolaklary we suwly-batgalyk ýerleri gorap saklamaga, rejeli peýdalanmaga, olaryň ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilendir. Türkmenistanda AGTÝ-iň ulgamy 2014-nji ýylyň 1-nji iýuly ýagdaýyna 9 sany goraghanalary we 16 sany çäkli goraghanalary özünde jemläp, 1 955 717 gektar meýdany eýelemek bilen, tutuş ýurduň meýdanynyň 4%-ne barabardyr.

Türkmenistan ösüp barýan ýurt hökmünde maliýeleşdirmegiň esasan milli çeşmelerinden ugur alýar. Ýurduň milli büjetinde her ýylda biodürlüligi gorap saklamagy gurnamagyň çykdaýjylaryny goşmak bilen, biologik ylmy-barlag işlerini geçirmeklige pul serişdeleri göz öňünde tutulýar. Şol bir wagtda hem, BGBUHM-ny durmuşa geçirmeklige gönükdirilen maksatlaýyn milli gaznalar ýa-da maksatlaýyn maliýe maksatnamalary ýok.

Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň BMG-yň Ösüş maksatnamasy we Bütindünýä ekologik gaznasy bilen bilelikde ýerine ýetiren "*Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy ýerlerini ulgamyny dolandyrmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak*" (2009-2014 ýý.) taslamasynyň çäklerinde "Türkmenistanyň aýratyn goralýan tebigy ýerleriniň ulgamyny ösdürmegiň Maksatnamasy işlenip taýýarlandy. Bu maksatnama AGTÝ-iň ulgamyny giňeltmek, onuň täze görnüşlerini döretmek ýa-da öňki hereket edýänlerini üýtgedip gurmak bilen bagly soraglary, şeýle hem bu ulgamy 2030-njy ýyla çenli döwür üçin uzakmöhletleýin esasda kämilleşdirmek we netijeli dolandyrmak boýunça mehanizmleriň işlenip düzülmegini hem-de teklipleri öz içine alýar. Bu Maksatnama biodürlüligi ekoulgam derejesinde gorap saklamak babatda möhüm ädimdir.

Biodürlülik hakynda konwensiýany ýerine ýetirmek boýunça bäşinji milli hasabaty işläp düzmekde we taýýarlamakda, şeýle hem bu hasabaty taýýarlamak üçin esas bolup hyzmat eden beýleki materiallary jemlemekde ähli degişli ministrlikleriň we pudak edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, ylmy edaralaryň wekilleri işjeň gatnaşdylar.

Türkmenistanda BGBUHM-yň işlenip taýýarlanylyşyna we ýerine ýetirilişine tankydy seljerme onuň üstünlikli amala aşyrylmagyndaky ýetmezçilikleri we säwlikleri ýüze çykarmaga mümkinçilik berdi. BGBUHM-ň netijeli durmuşa geçirilmegini gazanmakda aşakdaky esasy pursatlara aýratyn üns berilmegi möhümdi:

- çözgütleri kabul edýän wezipeli adamlaryň ekologik bilim derejesi;
- jemgyýetde janly tebigata bolan ynsanperwer garaýşyň, ony gorap saklamagyň kadalarynyň we ýörelgeleriniň ýokary derejä galdyrylmagy;

- biodürlüligi gorap saklamak babatda ygtyýarly döwlet edarasynyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bilen biodürlüligiň ýagdaýy we ony gorap saklamagyň meseleleri; janly tebigatyň adamlaryň durmuşyndaky möhüm ähmiýeti baradaky düşünjäni yzygiderli ösdürmek maksady bilen, halkyň ekologik bilimliligini, ahlak kadalaryny (etikasyny), medeniýetini ýokarlandyrmak boýunça işiniň netijeli gurnalmagy;
- giň halk köpçüliginiň, gemgyýetçilik birleşmeleriniň, täjrçiligiň biodürlüligi gorap saklamagyň we durnukly peýdalanamagyň möhüm meseleleriniň çözgüdine giňden çekilmegi;
- adam bilen tebigatyň sazlaşykly ösmeginde, biodürlüligi gorap saklamak babatda işjeň raýatlyk garaýşy döretmek maksady bilen, ähli gyzyklanýan taraplaryň: köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, ýerasty baýlyklary gazyp alýan we ulanýan gulluklaryň – Nebitgaz senagaty we mineral serişdeleri hem-de Energetika ministrlikleriniň, şeýle hem Oba hojalyk, Suw hojalyk ministrlikleriniň, Döwlet maldarçylyk birleşiginiň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň (Içeri işler, Goranmak ministrlikleri, Döwlet serhet gullugy, Döwlet gümrük gullugy), jemgyýetçilik birleşmeleriniň hususy sektoryň biodürlüligi gorap saklamagyň meselelerini çözmeklige giňden çekilmegi;
- raýatlaryň, edara-kärhanalaryň, firmalaryň hojalyk işleri netjesinde biodürlülige we ekoulgamlara ýaramaz täsirine jogapkärçilikleriniň ýokarlanmagy, önümçilikde biodürlüligi gorap saklamakda amatly täze tehnologiýalaryň ulanylmagy.

Eger-de has anyk aýdylanda, birinji BGBUHM işlenip taýýarlanylanda, kabul edilende we ýerine ýetirilende ýüze çykarylan aşakdaky ýetmezçilikleriň göz öňünde tutulmagy aýratyn möhümdir.

1. BGBUHM taýýarlananda:
   -- biodürlüligiň ýerli we milli wajyp meselelerini/esasy ugurlaryny kesgitlemekde hem-de saýlap almakda ölçeglere/kriteriýlere aýratyn üns berilmegi zerurdy;

2. BGBUHM-1-e maksatlaryň has köp mukdary girizilen, özem olaryň ýerine ýetilmeginiň anyk (kä halatlarda bolsa ýerine ýetirip bolmajak gysga wagtdaky) möhletleri we göterimde aňladylan ýerine ýetiriliş derejesi görkezilen;

3. Ýeterlik derejede:
   - işgärler bilen üpjünçilik (olaryň sany, hünär ussatlygy);
   - institusional mümkinçilikler;
   - ýurduň maliýe, maddy-tehniki serişdeleri, tehnologiýalar bilen üpjünçiligine ýeterlik derejede baha berilmedi;

4. Şonuň üçin hem Meýilnamanyň ýerine ýetiriljek döwründäki meýilleşdirilen çäreleriň göwrümi şol wagtdaky bar bolan mümkinçiliklere hem-de ýokarda görkezilen ugurlara doly gabat gelmeýärdi;

5. BGBUHM-ň görnüşi we düzümi örän çylşyrymly, käbir maksatlary, wezipeleri we çäreleri ýönekeý, sada dilde beýan edilse has maksadalaýyk (köpler üçin düşnükli) bolardy;

6. Biodürlüligiň meselelerini çözmäge gönükdirilen çäreleriň umumydöwlet derejesindäki syýasy we milli derejedäki tematiki strategiýalar, maksatnamalar we meýilnamalar bilen utgaşykly alyp barmagyň ýörelgeleri aýdyňlaşdyrylmadyk;

7. BGBUHM taýýar bolandan soň ony taýýarlamaga gatnaşan beýleki ministrlikleriň, pudak edaralarynyň tekliplerini, düzedişlerini almak wer göz öňünde tutmak zerurdy.

**BGBUHM-ň durmuşa geçirilmegi üçin kabul edilmeginde:**

1. BGBUHM-e ýokary derejedäki syýasy goldawyň ýetmezçiligi: resminama ondaky bellenen çäreleri ýerine ýetirmek we maliýe meselelerini çözmek üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň ýörite karary bilen tassyklanmady;

2. BGBUHM durmuşa geçirmek üçin ýerli, büjet we daşarky hemaýatkärleriň serişdelerini çekmek boýunça hereketleri utgaşdyrmagyň biodürlülik babatda ygtyýarly döwlet edarasy bilen Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň arasyndaky gowşak arabaglanyşygy;

3. BGBUHM-ň ýerine ýetirilişine gözegçiligi, maglumatlaryň toplanmagyny we olary alyşmagy, toplanan maglumatlaryň netijeleriniň seljerilmegini we degişli ministrlikleriň, pudak edaralarynyň we guramalaryň bu ugurda alyp barýan işleriniň utgaşdyrylmagyny, şeýle hem zerur bolan halatynda Meýilnama düzedişleri girizmek bilen bagly işleriň amala aşyrylmagyny üpjün etmäge gönükdirilen, netijeli işleýän infrastrukturanyň (BDK-yň Dellalçylyk mehanizmi/ BGBUHM merkezi) bolmazlygy.

**BGBUHM-nyň ýerine ýetirilmeginde:**

1. Jemgyýetçilik tarapyndan janly tebigatyň möhümligine ýeterlik derejede baha berilmezligi;

2. Öz işine berlen, ýokary taýýarlykly ussat hünärmenleriň ýetmezçiligi;

3. Ýeterlik derejede maliýeleşdirilmezligi;

4. Biodürlülik babatda pudagara hyzmatdaşlygyň derejesiniň pes bolmaklygy;

5. Ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň gatnaşmagynda janly tebigaty gorap saklamaga olaryň hökmany suratda gatnaşmaklarynyň hasabynyň ýöredilmegini göz öňünde tutýan çarçuwaly resminamanyň işlenip düzülmezligi. Göz öňünde tutulan ähli çäreleriň (253) 81%-den-de gowragy (205) diňe Tebigaty goramak ministrligi üçin, 6%-i (16) beýleki ministrlikler we pudak edralary üçin, 12,6%-i hem (32) Tebigaty goramak ministrligi bilen bilelikde ýerine ýetirilmegi üçin meýilleşdirilen.

6. Meýilleşdirilen çäreleriň köpüsiniň:
   - taýýarlanan wagtynda degişli gyzyklanýan edaralar üçin zerurlygyň we;
   - görkezilen möhletlerde ýerine ýetirmäge mümkinçiligiň bolmazlygy.

7. Biodürlülik babatda döwlet tarapyndan barlagyň, gözegçiligiň we sttistiki hasabatyň gowşak alnyp barylmagy.

8. BGBUHM-nyň ýerine ýetirilmegine ykdysady höweslendirmeler, biodürlüligiň goralmagyna gatnaşýandyklary üçin salgytlaryň azaldylmagy arkaly jemgyýetiň ähli ulgamlarynyň: ýerli bileleşikleriň, hususy sektoryň, täjirçilik gurluşlaryň gowşak çekilmegi.

9. Tebigy gurşawa ýetirilýän zyýan, tebigy serişdeleri almagyň/ulanmagyň möçberleri barada maglumatlaryň ýetmezçiligi.

**Täze BGBUHM işlenip taýýarlananda milli aýratynlyklary, şeýle hem ählumumy maksatlaýyn wezipelere ýetmekde milli goşandyň bolmalydygyny, şol sanda biodürlüligi gorap saklamagyň ählumumy maksatlaryna ýetmek üçin çalyşmalydygyny göz öňünde tutup, milli maksatlary we wezipeleri kesgitlemekde çeýe çemeleşilmegi zerur. BGBUHM-da göz öňünde tutulýan çäreleriň iň wajyplaryny saýlap almak, birnäçesini birleşdirmek, ireltmek arkaly olaryň umumy sanynyň azaldylmagy maksadalaýyk bolar. BGBUHM-ny üstünlikli durmuşa geçirmek üçin täze ykdysady mehanizmleriň, höweslendirmeleriň, beýleki täsir ediş usullarynyň girizilmegi, “ekoulgam hyzmatlarynyň” hakyky hümmetini hasaplamak arkaly ekoulgamlaryň tutuş biosferanyň durnuklylygyna goşandyna baha berilmegi zerur.**

Şeýlelikde, hasabatda BDK-nyň çözgütlerini durmuşa geçirmek boýunça BGBUHM-na gözegçilik we baha bermek arkaly, Türkmenistanda biodürlüligi gorap saklamak boýunça meýilleşdirilen çäreler hem-de olary amala aşyrmak bilen bagly alnan netijeler we meseleler görkezildi.

Biodürlülik hakynda konwensiýanyň Taraplarynyň Maslahatynyň 2010-njy ýylyň 18-29-njy oktýabry aralygynda Ýaponiýanyň Nagoýa şäherinde, Aýti prefekturasy, geçen 10-njy mejlisinde Biodürlüligi gorap saklamak boýunça gaýtadan seredilen täze Strategik meýilnama, şol sanda 2011-2020-nji ýyllar üçin Biodürlüligiň Aýti maksatlary kabul edildi.





Türkmenistanda soňky ýyllarda yzygiderli bolup geçýän syýasy we ykdysady öňegidişlikler Biodürlüligi gorap saklamak boýunça ikinji Milli strategiýany we hereketleriň meýilnamasyny işläp taýýarlamaga oňaýly şertleri döretdi.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, häzirki wagtda Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň BMG-nyň Ösüş maksatnamasy we Bütindünýä ekologik gaznasy bilen bilelikde ýerine ýetirýän “*Biodürlülik boýunça konwensiýanyň ýerine ýetirilmegine ýardam bermekde milli biodürlüligi meýilnamalaşdyrmak. Türkmenistanyň 2011-2020-nji ýyllar üçin strategiki meýilnamasy*” (2013-2015 ýý.) taslamasynyň çäklerinde biodürlüligi gorap saklamak boýunça täze Strategiýa we hereketleriň meýilnamasy işlenip taýýarlanylýar. Häzirki wagtda işlenip düzülýän hereketleriň we çäreleriň meýilnamasy, ýagny 2020-nji ýyla çenli döwür üçin täze BGBUHM öňki Strategiýanyň ýerine ýetirilişine geçirilen seljermäniň netijelerine esaslanyp taýýarlanar.

Ýokardaky seljermeden görnüşi ýaly, BGBUHM-nyň düzüminiň we ondaky hereketleriň eýýäm ýerine ýetirilýän milli maksatnamalara girizilmeginiň örän möhüm ähmiýeti bardyr. Şonuň üçin hem 2-nji BGBUHM taýýarlanylanda aşakdaky ýagdaýlar göz öňünde tutular:

- resminamanyň gurluşy Biodürlülik hakynda konwensiýanyň talaplaryna, hususan-da 2011-2020-nji ýyllar üçin Ählumumy strategiýa laýyk gelýär;

- **EMMA** iş ýüzündäki şertlere we talaplara gabat getirmek üçin iň oňat görnüşde uýgunlaşdyrylar;

- **WE** ýurduň ösüşine gönükdirilen häzirki wagtda hereket edýän milli meýilnamalara laýyk geler ýaly taýýarlanylar,

- Hususan-da, Hereketleriň meýilnamasy ony ýerine ýetirmäge degişli ähli gyzyklanýan taraplar üçin amala aşyrarlykly ýagdaýda düzüler we gurnalar.

# Hasabat berýän tarap, milli hasabatyň taýýarlanylyşy barada maglumat

## A. Hasabaty berýän tarap

| | |
|---|---|
| Konwensiýanyň Tarapy | Türkmenistan |
| Milli utgaşdyryjy merkez | |
| Edaranyň doly ady | Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi |
| Aragatnaşyk boýunça işgäriň ady, atasynyň ady, familiýasy | Saparmyradow Jumamyrat, Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli institutynyň Oňurgaly haýwanlar laboratoriýasynyň müdiri, Biodürlülik hakynda konwensiýa boýunça milli utgaşdyryjy |
| Salgysy | 744000, Türkmenistan, Aşgabat, Bitarap Türkmenistan şaýoly, 15 |
| Telefon | (993 12) 94-01-02 |
| Faks | (993 12)  94 01 02 |
| Elektron salgysy | saparmuradov@mail.ru |
| Milli hasabat babatda aragatnaşyk boýunça işgär (eger ol ýokarda görkesilenden başga bolsa) | |
| Edaranyň doly ady | |
| Aragatnaşyk boýunça işgäriň ady, atasynyň ady, familiýasy | |
| Hasabatyň berilmegi | |
| Milli hasabaty bermek boýunça jogapkär işgäriň goly | |
| Hasabatyň berlen senesi | |





# Maglumat çeşmeleri

**Gurbanguly Berdimuhamedow** “Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri” 1-6-njy tomlary, Aşgabat, 2008-2014.

**Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy** - Aşgabat, 2011.

**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012-2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy** – Aşgabat, 2012.

**Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy** – Aşgabat, 2007.

**Türkmenistanyň oba hojalyk pudagyny ösdürmegiň 2012-2016-njy ýyllar üçin Maksatnamasy** – Aşgabat, 2012.

**Türkmenistanyň Gyzyl kitaby.** 2 tomda (ikinji neşir) — Aşgabat, 1999.

**Türkmenistanyň Gyzyl kitaby.** 2 tomda (üçünji neşir) — Aşgabat, 2011.

**Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasy** – Aşgabat, 2012.

**Türkmenistanyň Milli tokaý Maksatnamasy** – Aşgabat, 2012.

**Türkmenistanyň Prezidentiniň Daş töweregi goramak hereketleriniň milli meýilnamasy** - Aşgabat, 2002.

**Türkmenistan. Biologik dürlüligiň ýagdaýy.** Syn. — Aşgabat, 2002.

**Türkmenistanyň biodürlüligini gorap saklamagyň baş ugry we hereket meýilnamasy**— Aşgabat, 2002.

**Акмурадов М.К., Баллыев Б., Эебердыев Б.** Вклад Туркменистана в решение глобальной проблемы изменения климата //Пробл. освоен. пустынь, №4 – Ашхабад, 2007.

**Васильев В.И.** Изменения в биоразнообразии водоплавающих и околоводных птиц Юго-восточного побережья Каспийского моря за последние 30 лет //Актуальные пробл. изучения и охраны птиц Восточной Европы и Северной Азии. – Казань, 2001.

**Васильев В.И., Рустамов Э.А., Милютина М.Л., Белоусова А.В.** Многолетний мониторинг зимовок вводно-болотных птиц на ключевых

орнитологических территориях каспийского побережья // Исследования по ключевым орнитологическим территориям в Казахстане и Средней Азии. Вып.2. – Ашхабад, 2007.
**Верведа В.** Проблема сохранения озонового слоя. - Ашхабад, 2009.
**Гельдиханов А.** Анализ флоры Каракумов// Автореф. на соиск. доктора биол. наук. – Ашхабад, 1995.
**Еллыбаев А.** Флора пустыни Сундукли и прилегающих низкогорий// Автореф. Диссерт. на сосик. Канд. биол. наук - Ашхабад, 1996.
**Ерохин П.** Популяция тюленя (*Phoca caspica* Gmelin, 1788) в туркменском секторе Каспийского моря // Мат-лы научно-практич. конференции, посвященной 75-летию Хазарского государственного заповедника. – Ашхабад, 2008.
**Камахина Г.Л., Ефименко Н.Н., Лобачев С.В.** Редкие исчезающие виды растений Копетдага (экологический банк данных) 2004.
**Камахина Г.Л.** Ключевые инвазии чужеродных видов Туркменистана // Тез. научно-практ. конфер., посвященной 40-летию обществ. Объединения охраны природы Туркменистана и 30-летию вступления его в междун. союз охраны природы – Ашхабад: Ылым, 2008.
**Камахина Г.Л.** Ревизия систематического списка цветковых растений Хазарского заповедника // Мат-лы научно-практич. конференции, посвященной 75-летию Хазарского государственного заповедника. – Ашхабад, 2008.
**Камелин Р.В.** Флорогенетический анализ естественной флоры горной Средней Азии. - Л: Наука, 1973.
**Каплин В.Г.** Структурно-функциональная организация белосаксаульников Репетекского биосферного заповедника // Пробл. освоения пустынь, №2 – Ашхабад, 2008.
**Каррыева Ш.Б.** Семинары ЮНЕСКО по сохранению биоразнообразия и управлению водными ресурсами **//** Пробл. освоен пустынь, №1 – Ашхабад, 2008.
**Коган Ш. И.** Растительность Южного Устюрта //Тр. Ин-та биол. АН ТССР, т.2. - Ашхабад, 1954.
**Кузьмина Ж.В.** Сохранение генетического разнообразия флоры пойм Юго-Западного Туркменистана// Аридные экосистемы. Т.3, №5 - М. 1997.
**Курбанова Н.** Результаты мониторинга окружающей среды с туркменском секторе Каспийского моря и г. Туркменбаши // Мат-лы научно-практич. конференции, посвященной 75-летию Хазарского государственного заповедника. – Ашхабад, 2008.
**Левин Г.М.** Дичание растений в Юго-Западном Копетдаге // Пробл. освоен. пустынь, № 2 – Ашхабад, 2008.
**Лукаревский В.С.** Биологические особенности и план действий по сохранению леопарда в Туркменистане. — Ашхабад, 2003.
**Лукаревский В.С., Ефименко Н.Н., Горелов Ю.К., Ходжамурадов Х.И.** Современное состояние популяции уриала в Туркменистане //Пробл. освоения пустынь, №4 – Ашхабад, 2001.
**Международный договор** о растительных генетических ресурсах для производства продовольствия и ведения сельского хозяйства - Продовольственная и сельскохозяйственная организация Объединенных Наций ФАО, 2007.
**Мониторинг** и оценка эффективности выполнения Стратегии и плана действий по сохранению биоразнообразия. – Ашхабад, 2008.
**Мярцева С.Н.** Экологизация защиты растений – путь сохранения биоразнообразия // Актуальные вопросы охраны окружающей среды и устойчивого развития Туркменистана. Ашхабад. 1998.
**Национальный** каспийский план действий - Ашхабад, 2007.
**Обзор заповедников Туркменистана //** Заповедники Средней Азии и Казахстана /общая редакция Р.В. Ященко – Almaty, 2006. Интернет-сайт: http://iucnca.net
**Оценка потенциала** для реализации глобальных экологических конвенций ООН. Тематические обзоры. — Ашхабад, 2006.
**Первое национальное сообщение** по Рамочной конвенции ООН об изменении климата. Фаза 2. — Ашхабад, 2006.
**Второе национальное сообщение** по Рамочной конвенции ООН об изменении климата. Ашхабад. 2012.
**Переладова О.Б.** Сохраним живую планету для наших детей//Туркменистан– М., 2005, №8.
**Переладова О.Б.** Самые быстрые представители диких лошадей...о том, как в Туркменистане удалось восстановить популяцию куланов //Туркменистан – М., 2006, № 1 (10).
**Переладова О.Б.** Возвращение джейранов //Туркменистан — М., 2006b, № 4 (13)
**Региональная стратегия** сохранения, пополнения и использования генетических ресурсов растений для продовольствия и сельского хозяйства в Центральной Азии и Закавказье на период до 2015. 2007.

**Руководящие принципы** представления четвертого национального доклада.- Секретариат Конвенции о биологическом разнообразии, 2008.

**Рустамов А.К.** Животный мир Туркменистана и его охрана. *Изд. 2-е, испр. и доп.* Ашхабад. 2011.

**Рустамов И.Г**. К характеристике флоры Северо-Западной Туркмении// Изв. АН ТССР. Сер. биол. наук, №1 – Ашхабад, 1972.

**Рустамов Э.А.** Конспект современной орнитофауны Туркменистана // Изучение биоразнообразия Туркменистана (позвоночные животные). Москва-Ашхабад. 2013.

**Рустамов Э.А., Милютина М.Л., Белоусова А.В.** Классификация водно-болотных угодий Восточного Каспия //Мат-лы научно-практич. конференции, посвященной 75-летию Хазарского государственного заповедника. – Ашхабад, 2008.

**Рустамов Э.А., Щербина А.А., Гуйчгельдыев О.Т.** Новый этап в изучении зимовок вводно-болотных птиц Юго-Восточного Каспия // Исследования по ключевым орнитологическим территориям в Казахстане и Средней Азии. Вып.2. – Ашхабад, 2007.

**Рустамов Э.А., Уэлш Д.Р., Бромбахер М.** (редакторы). Ключевые орнитологические территории Туркменистана – Ашхабад, 2009.

**Рустамов Э.А., Белоусова А.В.** Развитие «гидросети Алтын асыр» и ее влияние на разнообразие и распределение водно-болотных птиц // Изучение биоразнообразия Туркменистана (позвоночные животные). Москва-Ашхабад. 2013.

**Справочник «**Экономика сохранения биоразнообразия» - М., 2002.

**Справочное пособие** к пятому национальному докладу (первое издание). Секретариат Конвенции о биоразнообразии. 2011.

**Трансграничный диагностический анализ**// Каспийская экологическая программа, фаза 2 – Ашхабад, 2007.

**Третий национальный отчет Туркменистана** по выполнению Конвенции ООН о биоразнообразии. — Ашхабад, 2006.

**Четвертый национальный отчет Туркменистана** по выполнению Конвенции ООН о биоразнообразии. — Ашхабад, 2009.

**Шаммаков С. М.** Современное состояние пресмыкающихся, внесенных в Красную книгу Туркменистана//Пробл. освоения пустынь. №4 – Ашхабад, 2007.

**Щербина А.А.** Из материалов по редким и малоизученным птицам Туркменского Прикаспия // Изучение биоразнообразия Туркменистана (позвоночные животные). Москва-Ашхабад. 2013.

**ЭКОНЕТ — «сеть жизни».** Центральная Азия // Известия — М., 2006.

**Эсенов П., Дуриков М.** Национальные приоритеты Туркменистана в области земельных ресурсов //Пробл. освоен. пустынь, №4 – Ашхабад, 2007.